TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIRKI DÖWÜRDE EZIZ DIÝARYMYZDA DÜNÝÄNIŇ ÖŇDEBARYJY ÖNDÜRIJILERINIŇ KÄMIL ENJAMLARY BILEN ÜPJÜN EDILEN BEJERIŞ-ANYKLAÝYŞ, YLMY-KLINIKI MERKEZLER, DÖWREBAP HASSAHANALAR HALKYMYZA HYZMAT EDÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
10-njy oktýabr, 2025. Belgisi 41/1659



# MILLI YKDYSADYÝETIMIZ DURNUKLY ÖSDÜRILÝÄR

**8-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylygyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Mejlisde raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanuny bähbitlerini goramak, ýurdumyzy ykdysady, syýasy, medeni taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, döwletimiziň halkara başlangyçlaryny hukuk taýdan goldamak bilen baglanyşykly kanun taslamalaryny taýýarlamak hem-de hereket edýän kanunlara döwrüň talabyna laýyklykda üýtgetmeleridir goşmaçalary girizmek boýunça işler dowam etdirilýär.

Şeýle hem milli parlamentiň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly ady dakmak hakynda Mejlisiň kararyny okady.

Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylmagyny uly sylag hökmünde kabul edýändigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz özüne bu sylagyň gowşurylmagynyň ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda mundan beýläk-de yhlas bilen tutanýerli işlemäge borçly edýändigini belledi we pursatdan peýdalanyp, berlen şeýle ýokary baha üçin mähriban halkymyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça «Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli maliýe bazaryny ösdürmegiň Strategiýasyny» taýýarlamak boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu resminama laýyklykda, halkara standartlary, milli bähbitleri nazara almak bilen, dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesini göz öňünde tutup, maliýe bazarynyň institusional gurluşyny hem-de Türkmenistanyň maliýe bazarynyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda maliýe bazaryny ösdürmek we bu ugurda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça zerur işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz maliýe serişdeleriniň netijeli dolanyşygyny üpjün etmek bilen bagly taýýarlanylan Karara gol çekdi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmennebit» döwlet konserniniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynyň tehnologik ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Türkmennebit» döwlet konserniniň garamagyndaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň önümçilik kuwwatyny netijeli peýdalanmak üçin degişli işleri alyp barmagyň zerurdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň degişli desgasyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taýýarlanylan teklibi goldady we wise-premýere bu ugurda zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda möwsümleýin işleriň alnyp barlyşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, oba hojalyk işleriniň çäklerinde geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişi dowam edýär. Şunuň bilen bir hatarda, ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda ýygnap almak, hasyly pagta arassalaýjy kärhanalarda, pagta kabul ediş harmanhanalarynda kabul etmek, gaýtadan işlemek boýunça degişli işler geçirilýär. Welaýatlaryň maldarçylyk hojalyklarynda mallary talabalaýyk idetmek, olaryň baş sanyny artdyrmak maksady bilen, ot we iýmleriň ätiýaçlyk gorlaryny döretmek babatda degişli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegiň we onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmegiň, bugdaý ekişi möwsümini talabalaýyk dowam etdirmegiň, bu işde oba hojalyk tehnikalaryny netijeli peýdalanmagyň möhümdigini belledi. Pagta ýygymy möwsümini guramaçylykly geçirmek, ýygnalan hasyly kabul etmek, gaýtadan işlemek boýunça hem degişli işleri netijeli alyp barmak zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere bu babatda tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününe görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, bu hünär baýramçylygy mynasybetli «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergini we maslahaty geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu senä gabatlanyp, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda kuwwatlylygy gije-gündizde 20 müň kub metr bolan agyz suw arassalaýjy desganyň, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyş dabaralaryny, Türkmenbaşy etrabynda ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň, Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz böleginiň düýbüni tutmak dabaralaryny geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklipleri hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni mynasybetli geçiriljek halkara sergä we maslahata gowy taýýarlyk görmegiň hem-de olary ýokary derejede geçirmegiň möhümdigini belledi we wise-premýere Balkan welaýatynda geçiriljek dabaraly çärelere gowy taýýarlyk görmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew ýurdumyzda daşary söwda dolanyşygyny artdyrmak, eksport mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan bu ugurda edilýän işlerde eksport we import edilýän önümler boýunça dünýä bazarlarynyň ýagdaýy baradaky halkara maglumat ulgamlaryndan netijeli peýdalanylýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda daşary söwda dolanyşygyny artdyrmak, eksport mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça netijeli işleriň amala aşyrylýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz eksport we import edilýän harytlaryň nyrhlaryna gözegçilik etmek boýunça taýýarlanylan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň taslamasy barada hasabat berdi. Strategiýa halklary jebisleşdirmekde we dostlaşdyrmakda medeniýetiň täsirini artdyryp, medeni diplomatiýanyň ornuny pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýe bolar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkymyzyň milli medeni mirasynyň, gadymy däp-dessurlarymyzyň dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýändigini, bu gymmatlyklarymyzyň halkara derejede giňden ykrar edilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, hünär baýramçylygy mynasybetli «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergini we ylmy maslahaty ýokary derejede geçirmek, täze saglygy goraýyş desgalaryny dabaraly ýagdaýda ulanmaga bermek bilen baglanyşykly guramaçylyk işleri alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynda döwrebap saglyk öýüniň, 300 orunlyk Mary welaýat inçekesel hassahanasynyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmeginiň meýilleşdirilýändigi aýdyldy. Wise-premýer Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahanany we Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk etrabara köpugurly hassahanany, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini gurmak hakynda, şeýle hem saglygy goraýyş işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda degişli resminamalaryň taslamalarynyň taýýarlanylandygy barada hasabat berdi we olary döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň yzygiderli ösdürilýändigini, halkara saglyk merkezleriniň, saglyk öýleriniň, hassahanalaryň yzygiderli gurlup ulanmaga berilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny mundan beýläk-de üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahanany, Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk etrabara köpugurly hassahanany, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini gurmak hakynda, şeýle-de aýratyn tapawutlanan saglygy goraýyş işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak barada degişli resminamalara gol çekdi we wise-premýere tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek, halkara hyzmatdaşlygyň şertnama-hukuk binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Halkara guramalaryň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekilhanalary hakynda Düzgünnamanyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň halkara guramalar bilen alyp barýan hyzmatdaşlygyny ösdürmek we pugtalandyrmak işlerini dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Halkara guramalaryň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekilhanalary hakynda Düzgünnamany tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi we wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, innowasion tehnologiýalary döwrüň talaplaryna laýyklykda önümçilige ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, «Türkmenistanda 2026 – 2028-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» taslamasy işlenip taýýarlanyldy. Konsepsiýanyň esasy maksady sanly infrastrukturany ösdürmekden, döwlet edaralarynyň, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň netijeli ösmegi üçin amatly şertleri döretmekden, öňdebaryjy önümçilik tehnologiýalaryny dolanyşyga we kanunçylyga ornaşdyrmak arkaly ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça netijeli işleriň durmuşa geçirilýändigini, elektron hökümet ulgamyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz innowasion, ýokary tehnologiýaly sanly ykdysadyýeti ösdürmek babatda alnyp barylýan işleri dowam etdirmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanylan resminama gol çekdi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

## BILIMLI ÝAŞLAR WATAN GUWANJY



Taryhyň sahypalaryny agtaryp, geçmişe nazar aýlasaň, adamzat aňynyň kämilleşip başlan döwürlerinden bäri islendik döwletiň ösüşiniň aňrysynda ylymly-bilimli kämil şahsyýetleriň durandygyna göz ýetirmek bolýar. Bu üýtgewsiz kada ýurdumyzyň ösüşiň belentden-belent menzillerine sary öňe barýan häzirki döwrümize hem mahsusdyr. Şonuň bilen birlikde, kämil şahsyýetleriň kemala gelmeginde olara berlen başlangyç bilimiň möhüm orun tutýandygyny hem bellemek gerek. Bu babatda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ylym-bilime höwesli ýaşlara berilýän üns örän uly bolup, munuň netijesi bu ugurda ýetilýän üstünliklerde has-da aýdyň görünýär.

Ýaşlar – Watan daýanjy, ýaşlar – bagtly geljegiň kepili. Ýurdumyzda ýaşlaryň bilimli bolup ýetişmeklerine, milli terbiýesine aýratyn üns berilýär. Esasan hem, ýaşlaryň giň dünýägaraýyşly bolmagy, kämil hünärmenler bolup ýetişmegi baş maksat edilip goýulýar. Şonuň üçin hem orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlarda ylym-bilime höwes döredilýär. ■ 3

## SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY IŞGÄRLERINIŇ GÜNI GIŇDEN BELLENILÝÄR

**Güýz paslynyň ortanjy aýynda ýurdumyzda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni giňden bellenilýär. Asylly däbe görä, ýurdumyzda bu senä bagyşlanyp iri, abraýly forumlar, sergiler we dürli çäreler geçirilýär. Bu ýyl bolsa, lukman Arkadagymyzyň tagallasy bilen işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda geçiriljek giň möçberli çäreler ýokarda sananlarymyzyň üstüni ýetirer.**




Hormatly Prezidentimiz ýaňy-ýakynda ýurdumyzyň şanly Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda «Halkymyzyň saglygyny goramak, ýurdumyzyň abadançylygyny gazanmak biziň iň uly maksadymyzdyr» diýip bellemek bilen, döwletimiziň we jemgyýetimiziň iň ýokary gymmatlygy bolan adam hakyndaky uly aladanyň döwlet derejesinde uly ähmiýetiniň bardygyny belledi.

10-12-nji oktýabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergi we ylmy maslahat geçirilýär. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Bilim ministrligi, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, şeýle hem Söwda-senagat palatasy tarapyndan guralýan sergi dünýäniň dürli ýurtlaryndan öňdebaryjy hünärmenleri, bilermenleri we kompaniýalaryň wekillerini bir ýere jemläp, Türkmenistanyň gazanan üstünliklerini görkezmek we esasy ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy berkitmek üçin meýdança bolar. Çärä Türkmenistanyň pudaklaýyn ministrlikleriniň we edaralarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň wekilleri, şeýle hem ýerli we daşary ýurtly işewürler hem-de kompaniýalar gatnaşar. ■ 2

## HALKYMYZYŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ DEREJESI ÝOKARLANÝAR

**Ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynda mynasyp dowam etdirilýän bazar ykdysadyýetiniň durmuş ugurly nusgasyny döretmek strategiýasy üstünlikli durmuşa geçirilýär.**



Telekeçiligi, kiçi we orta işewürligi goldamak, milli önüm öndürijileriň taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk dowam etdirilýär. Ýurdumyzda iş bilen üpjünçiligi has doly derejede üpjün etmek maksady bilen raýatlary işe ýerleşdirmek babatda netijeli döwlet syýasaty alnyp barylýar. Raýatlara durmuş goraglylygynyň ygtybarly kepillendirmeleri berilýär. Sebitleri ösdürmek babatda hem netijeli işler alnyp barylýar. Täze senagat, energetika, ulag-aragatnaşyk düzümleri döredilýär. Döwrebap şäherçeler we obalar, ylym-bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralary, önümçilik kärhanalary ulanmaga berlip, bu işler üstünlikli dowam etdirilýär.

Ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şu ýylyň dokuz aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi. Bu döwürde jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterime deň boldy. Şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 1,8 göterime, gurluşykda 7 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 10,8 göterime, söwdada 9,6 göterime, oba hojalygynda 5 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,4 göterime deň boldy. Şu ýylyň ýanwar – sentýabr aýlarynda, 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 10 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik görkezijileri gazanyldy. Bölek satuw haryt dolanyşygy 13,2 göterim, daşary söwda dolanyşygy bolsa 8,5 göterim ýokarlandy. ■ 3

### Nobel hepdeligi dowam edýär



Şwesiýanyň Korollyk ylymlar akademiýasy Nobel baýraklaryny mälim edýär. Hepdäniň başyndan bäri jemi 4 ugurda baýraklaryň eýeleri yglan edildi. 4

### Täsin seýilgäh – tolgundyryjy başdangeçirme



Hytaýdaky dag gerişlerinden ýasalan sungat eserine meňzeýän Çžanszýasze milli seýilgähi tebigy gözellikleri bilen görenleri haýran galdyrýar. 5

### F1-de «McLaren» 10-njy, Moto GP-de «Ducati Lenovo» 4-nji çempionlygyny gazandy



Formula 1 boýunça möwsümiň 18-nji ýaryşy Singapurda geçirildi. Marina Bay diýilýän ýerde guralan ýaryşda «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýeňiji boldy. 7

### Iki klubuň bir stadiony



Futbolyň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri bolan Italiýanyň Milan şäherindäki «San Siro» ýa-da «Juseppe Meazza» stadiony tutuş dünýäde uly meşhurlyga eýedir. «Milan» bilen «Inter» toparlarynyň ýerli duşuşyklaryny geçirýän bu stadionyň gurluşygy 1926-njy ýylyň sentýabrynda tamamlanýar. 8




# GAHRYMAN ARKADAGYMYZ TDG-NIŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ SAMMITINE GATNAŞDY

**7-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XII sammitine gatnaşdy.**

Geýdar Aliýew kongres merkezinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew mähirli garşylady. Sammite gatnaşýan wekiliýet Baştutanlarynyň resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi.

Prezident Ilham Aliýew sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip gelendikleri üçin hoşallyk bildirdi hem-de umumy taryhy, dili, medeniýeti, ruhy-ahlak gymmatlyklary bolan halklaryň arasynda raýdaşlygy pugtalandyrmakda Türki Döwletleriň Guramasynyň ähmiýetini belledi. Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, ilki bilen, Türki Döwletleriň Guramasynyň şu günki ýokary derejeli duşuşygyna gatnaşmaga çakylygy hem-de myhmansöýerlik üçin Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewe tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, bu guramanyň umumy taryha, medeniýete, ruhy mirasa we dile esaslanýan dostlukly halklarymyzyň halkara guramasy bolup durýandygyny nygtady.

Bellenilişi ýaly, guramanyň baş maksady türki döwletleriň arasynda agzybirligi, dost-doganlygy pugtalandyrmaga, sebitleýin we halkara derejede bilelikdäki tagallalardyr hereketleri utgaşdyrmaga gönükdirilendir. Häzirki günde dünýä jemgyýetçiligi öz ösüşiniň örän çylşyrymly döwrüni başdan geçirýär. Şeýle ýagdaýda döwletlerimiziň halkara giňişlikde utgaşykly hereket etmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Biziň öňümizde duran esasy wezipeleriň biri hem halkara derejede parahatçylygy, durnuklylygy we ynanyşmagy berkitmekdir diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini belledi hem-de sammite gatnaşyjylary bu şanly sene we Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Biz hemişe bir meseläni aýratyn nygtap geçýäris: biziň medeniýetimiz, dilimiz we däp-dessurlarymyz birdir. Bu umumylyk taryhy hakykata esaslanýar. Biziň ata-babalarymyz dünýä taryhynda uly yz galdyran döwletleri döretdiler. Medeniýetiň, söwdanyň, dolandyryş tejribesiniň ösüşine ägirt uly goşant goşdular. Olaryň arasynda oguzlaryň neslinden gelip çykan türkmenleriň syýasy mirasy hem möhüm ähmiýete eýedir. Türkmen halky asyrlaryň dowamynda beýleki doganlyk halklar bilen birlikde uly taryhy ýoly geçdi. Ol diňe bir döwletlilik kadalaryny we däp-dessurlaryny ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, tutuş Ýewraziýa giňişliginde özara gatnaşyklaryň, medeni alyşmalaryň ösmegine, dürli söwda ýollarynyň döredilmegine wajyp goşant goşdy.

Gahryman Arkadagymyz çykyşynda Türkmenistanyň Türki Döwletleriň Guramasyna girýän ýurtlar bilen köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belledi. Ýurdumyz özara bähbitli gatnaşyklary berkitmek, ony many-mazmun taýdan baýlaşdyrmak ugrunda tutanýerli tagalla edýär. Bu gatnaşyklaryň binýady deňhukuklylyga, birek-birege hormat goýmaga, strategik hyzmatdaşlyga esaslanýar. Türkmenistan şunuň ýaly asylly we uzak möhletleýin maksatlary amala aşyrmak üçin energetika, ulag-logistika, aragatnaşyk we beýleki strategik ugurlarda sebit hem-de halkara ähmiýetli iri taslamalary öňe sürýär, olary durmuşa geçirmek üçin has-da işjeň işleri alyp barýar diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy aýtdy we türki döwletleriň arasyndaky gatnaşyklarda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň aýratyn ornuna ünsi çekdi.

Bu ugurda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk halklarymyzyň özboluşly milli aýratynlyklaryny we ruhy gymmatlyklaryny gorap saklamakda, ony kämilleşdirmekde, dünýä tanatmakda uly ähmiýete eýedir diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy we bilelikdäki medeni-köpçülik çärelerini guramak boýunça işleri güýçlendirmegi teklip etdi. Şunda, hususan-da, Medeniýet günlerini, teatr çykyşlaryny, dürli sergileri, kino günlerini geçirmek boýunça uly we köp işleriň durmuşa geçirilýändigi bellenilip, ýurtlarymyzyň bu ugurda gazanan baý tejribesini dowam etdirmegiň maksadalaýyk boljakdygyna üns çekildi.

Ýakyn wagtda biz Azerbaýjanda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini geçirmegi meýilleşdirýäris. Şeýle hem iki halkyň halyçylyk we haly dokamak däplerini ösdürmek babatda tagalla edýäris. Şol bir wagtda bedew atlary, hususan-da, ahalteke we garabag atlaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça gadymy sungaty gaýtadan dikeltmek babatda işleşmegi göz öňünde tutýarys. Bu çäreleriň medeni gatnaşyklarymyzy has-da kämilleşdirmäge ýardam berjekdigine berk ynanýarys. Şunuň ýaly çäreleri beýleki doganlyk ýurtlar bilen hem guramagy maksadalaýyk hasaplaýarys diýip, hormatly Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Nygtalyşy ýaly, ylym we bilim ulgamynda akademiki alyşmalary giňeltmäge, talyp haky maksatnamalaryny ýola goýmaga, halklarymyzyň taryhyny we medeni mirasyny öwrenmek boýunça bilelikdäki işleri alyp barmaga hem aýratyn ähmiýet berilmegi zerurdyr. Sport we bedenterbiýe babatda bolsa ýurtlarymyzyň arasynda halkara ýaryşlary, türgenleşik çärelerini geçirmegi, ýaşlaryň arasynda fiziki işjeňligi wagyz edýän maksatnamalary amala aşyrmagy ýerlikli hasaplaýarys diýip, Milli Liderimiz aýtdy we ýokarda beýan edilen asylly maksatlara ýetmek, ata-babalarymyzyň dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek baradaky wesýetlerine eýerip, öňde duran möhüm wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Türki Döwletleriň Guramasyna girýän ähli döwletler bilen has önjeýli we ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge hemişe taýýardygyny tassyklady.

Çykyşynyň ahyrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy sammite gatnaşyjylaryň ählisine berk jan saglyk, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri, türki döwletleriň doganlyk halklaryna bolsa abadançylyk, gülläp ösüş, asuda we bagtyýar durmuşy arzuw etdi.

Prezident Ilham Aliýew çuň manyly çykyşy üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirip, çykyşyň dowamynda beýan edilen teklipleriň türki döwletleriň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny has-da berkitmekde uly ähmiýetini belledi.

* * *

Sammit tamamlanandan soňra wekiliýet Baştutanlary sanly ulgam arkaly Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde Fizuli şäherinde guruljak metjidiň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň görkezmesi boýunça bu metjit Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna «Aga gurluşyk» hususy kärhanasy tarapyndan bina ediler. Fizuli şäherinde guruljak metjit ynsanperwerligiň belent nusgasyna, agzybirligi, jebisligi we asylly işlere bolan ygrarlylygy baş ýörelge edinýän halklarymyzyň haýyr işleri uly ruhubelentlik bilen amal edýändiginiň nyşanyna öwrüler.

## Saturnda täze açyş

Astronomlar Saturn planetasynyň Enselad hemrasynda organiki molekulalaryň bardygyny anykladylar. Mundan 20 ýyl ozal «Cassini» kosmos gämisi arkaly bu asman jisiminde ýerasty ummanyň bardygy ýüze çykarylypdy. Geçirilen barlaglarda Enseladdaky geýzerlerden atylyp çykýan läbikde aminokislotalar ýaly molekulalaryň bardygy anyklandy. Emma bu molekulalaryň ýerasty ummanda ýa-da onuň ýüzünde emele gelendigi häzirlikçe nämälim. Şeýle hem buz bölejikleriniň düzüminde uglerod, azot, kislorod ýaly elementleriň bardygy anyklandy. Bular ýaşaýşyň emele gelmegi üçin zerur hasaplanýan elementlerdir.

**Dawletýar HUDAÝBERGENOW,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Çöl gülzarlyga bürendi

Ýer ýüzüniň iň gurak ýeri hasaplanýan Atakama çölünde gül açan otlar owadan görnüşi emele getirdi. Çiliniň demirgazygynda has köp ýagşyň ýagmagy netijesinde çölde benewşe we ak güller açyldy. Gülli meýdanlaryň çägi birnäçe kilometre ýetdi. Bu çölde şeýle ýagdaý birnäçe ýyldan bir gezek gaýtalanýar. Bu ýere mahsus bolan ösümlikleriň tohumlary topraga garyşyp, uzak wagtlap çüýremän saklanýar. Ýeterlik mukdarda ygal düşen ýagdaýynda bolsa, gysga wagtda ösüp, gül açýar. Bu täsinlik ýerli ýaşaýjylar bilen birlikde daşary ýurtly myhmanlary hem özüne çekýär.

**Nurana GARAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

## Global ösüş ýokarlanar

Bütindünýä Söwda Guramasy (BSG) şu ýylky global ykdysady ösüşiň 2,4 göterim boljakdygyny mälim etdi. Maglumata görä, global haryt söwdasy ýylyň birinji ýarymynda 4,9 göterime ýetip, garaşylandan ýokary boldy. Bu artyşda emeli aň bilen bagly önümleriň täsiriniň bardygy bellenildi. Ýarymgeçirijiler we telekommunikasiýa bilen bagly enjamlar ýylyň 6 aýyndaky umumy söwdanyň tas ýarysyna barabar boldy.

Garaşylandan ýokary ösüş BSG-niň bilermenleriniň awgust aýyndaky 0,9 göterim ösüşini 2,4 göterime çykarmagyna sebäp bolupdyr. Guramanyň bilermenleri geljek ýylky global ösüşiň 0,5 göterim boljakdygyny çaklaýarlar.

**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY IŞGÄRLERINIŇ GÜNI GIŇDEN BELLENILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara sergide lukmançylygyň anyklaýyş-bejeriş enjamlary we tehnikasy, lukmançylyk gurallary, saglygy goraýyş ulgamynda dürli görnüşdäki hyzmatlary hödürleýän kompaniýalaryň, şeýle hem innowasion çözgütleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýan kliniki merkezleriň öz alyp barýan işlerini görkezmegine giň mümkinçilik döredilер. Şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy iri kompaniýalary tarapyndan bilim we sport boýunça alnyp barylýan işler, tehnologiýanyň soňky gazananlary paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna giňden hödürlener.

Serginiň çäklerinde geçirilýän ylmy maslahatda bolsa, tejribe alyşmaga we möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga aýratyn üns berler. Bu bolsa, halkara we milli bilermenleriň arasynda gepleşik üçin özboluşly platforma döredip, ýurdumyzda öňdebaryjy tejribeleriň ösdürilmegine ýardam eder.




Häzirki wagtda ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamy uly ösüşleri başdan geçirýär. Dünýäniň öňdebaryjy saglygy goraýyş merkezleri bilen hyzmatdaşlykda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar, häzirki zaman lukmançylygynda gazanylýan tejribeler işjeň durmuşa ornaşdyrylýar.

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan işlenip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, gysga döwürde paýtagtymyzda hem-de sebitlerde saglygy goraýyş-anyklaýyş merkezleri, köpugurly hassahanalar, şypahanalar, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar guruldy. Halkymyzyň saglygyny berkitmek, keselleriň öňüni almak, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak, elýeterli, ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny üpjün etmek boýunça zerur şertler döredildi. Şeýle-de lukmançylyk serişdelerini öndürýän «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasy we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi. Haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna ýüzlerçe çaga degişli operasiýalar we döwrebap bejergiler geçirilip saglyklary dikeldildi.

Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni bilen ähli saglygy goraýyş ulgamynyň işgärlerini gutlaýarys. Olara alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

**Çynar JUMADURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.*

# TÜRKMENISTAN – GDA: HYZMATDAŞLYGYŇ GELJEKKI UGURLARY

Türkmenistanyň daşary syýasaty halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine, dost-doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna we sebitde durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyz halkara hyzmatdaşlykda «Açyk gapylar» hem-de hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanyp,



dürli halkara we sebit guramalary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürýär. Şol hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri hem Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) we «Russiýa – Merkezi Aziýa» görnüşindäki sammitlerdir.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) 1991-nji ýylyň dekabrynda döredildi. Bu birleşigiň döredilmeginiň esasy maksady gurama agza döwletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary, ykdysady hyzmatdaşlygy hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Guramanyň baş edarasy Minsk şäherinde ýerleşýär.

Türkmenistan GDA-nyň döredilen ilkinji döwründen başlap oňa gatnaşyjy ýurtlaryň biri bolup çykyş etdi. Ýöne ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine laýyklykda, Türkmenistan 2005-nji ýyldan bäri GDA-da assosirlenen agza ýurt hökmünde çykyş edýär. Bu ýörelge ýurdumyza arkalaşygyň ykdysady we medeni ugurlaryndaky işlerine gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan GDA-nyň çäginde döwletara hyzmatdaşlygy ösdürmek, sebitleýin hyzmatdaşlygyň ykdysady we ulag-logistika ugurlaryny güýçlendirmek boýunça netijeli başlangyçlary öňe sürýär.

### «RUSSIÝA – MERKEZI AZIÝA» SAMMITI

«Russiýa – Merkezi Aziýa» sammiti ilkinji gezek 2022-nji ýylyň oktýabrynda Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde geçirildi. Bu duşuşyk Russiýa Federasiýasynyň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň (Türkmenistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan we Özbegistan) gatnaşmagynda sebitleýin hyzmatdaşlygyň täze formatydyr. Sammitiň maksady — sebitiň ykdysady, ulag, energetika, howpsuzlyk, medeni we ylmy ugurlarda gatnaşyklarynyň täze derejä çykarylmagydyr.

Hormatly Prezidentimiz «Russiýa – Merkezi Aziýa» sammitleriniň işine yzygiderli gatnaşýar. Astanada geçirilen ilkinji sammitde döwlet Baştutanymyz öz çykyşynda halkara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryna ünsi çekip, birnäçe teklipleri öňe sürdi. Şol teklipleriň arasynda sebitde durnukly ösüşi üpjün etmek, ulag we energetika infrastrukturalaryny döwrebaplaşdyrmak, «Demirgazyk – Günorta» we «Günbatar – Gündogar» geçelgelerini utgaşdyrmak, gümrük we söwda amallaryny ýönekeýleşdirmek, ylmy, medeni we bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek ýaly ugurlar boldy.

Bu teklipler sebit ýurtlarynyň arasynda ykdysady we diplomatik gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmenistan bu halkara we sebit formatlarynyň ikisine hem gatnaşygynda parahatçylykly diplomatiýanyň, bitaraplyk ýörelgesiniň hem-de açyk hyzmatdaşlygyň ýörelgelerine berk eýerýär.

Bu gatnaşyklaryň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr: sebit durnuklylygyny üpjün etmek we özara ynanyşmak gurşawyny güýçlendirmek, ykdysady integrasiýany ösdürmek, söwda we maýa goýum gatnaşyklaryny giňeltmek, ulag-logistika ulgamynda täze geçelgeleri döretmek, energetika hyzmatdaşlygyny güýçlendirmek we täze energiýa çeşmelerini işläp taýýarlamak, medeni, ylym we bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek.

Bu gatnaşyklaryň netijesinde Türkmenistan diňe bir sebitiň däl, eýsem, bütin dünýäniň parahatçylyk, durnuklylyk we ösüş maksatlaryna hyzmat edýän möhüm halkara hyzmatdaş hökmünde çykyş edýär.

**Bägül ANNANEPESOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Ýaprak güýzde nädip saralýar?

Ýylyň iň bir duýga baý möwsümi hasaplanýan güýz dürli reňkleriň möwsümi hökmünde hem bellidir. Bu möwsümde tebigatda sary we gyzyl reňkler has köp görünýär. Eýsem, güýz paslynda bolup geçýän bu hadysanyň sebäbi nämekä?

Ösümlikleriň her birine reňk berýän pigmentler bolýar. Hlorofil bu babatda iň köp ýaýran pigment bolup, onuň täsiri bilen ýapraklar ýaşyl görünýär. Karotin bolsa, ösümliklere mämişi reňki berýän pigmentiň başga bir görnüşidir. Ksantofiller sary reňki, antosýaninler bolsa gyzyl reňki öndürýär. Ösümlikleriň reňki ýylyň paslyna we ýetişýän topragyna görä üýtgeýär. Ösümlikler fotosintez wagtynda Günden gelýän ýagtylygy himiki energiýa öwürýärler. Bu planetamyzdaky ýaşaýşy goldaýan kislorod, ýokumly maddalar we beýleki organiki maddalary döredýär. Güýzüň gelmegi bilen howa sowap, Gün şöhlesi peselip başlaýar. Ösümliklere az hlorofil gerek bolany üçin bu pigment ýuwaş-ýuwaşdan dargap başlaýar. Şeýlelikde, ýapraklaryň ýaşyl reňki ýitip, mämişi reňk berýän karotin pigmenti has görnükli bolýar.



Gyzyl reňkli antosýanin pigmenti, tebigy şeker saklaýan käbir ösümlik ýapraklarynda tomus aýynyň ahyryna has köp reňk berip başlaýar. Bu güýzde reňk dürlüligini ýokarlandyrýar.

Hemmeleri duýgular dünýäsine atarýan güýz paslynda bolup geçýän täsin hadysalary ylmy taýdan içgin öwrenmek biziň tebigat bilen has-da ýakynlaşmagymyza ýardam edýär.

**Žahan MIRABOWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 10-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117283
Belgisi: 41/1659
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Awiasiýa sergisi geçirildi

7-9-njy oktýabrda Portugaliýanyň paýtagty Lissabonda awiasiýa pudagyna bagyşlanan halkara forum geçirildi. «World Aviation Festival 2025» atly halkara foruma bu pudakda iş alyp barýan hünärmenleriň 4 müň 500-den gowragy gatnaşdy. «Feira Internacional de Lisboa» sergi merkezinde guralan forumyň çäklerinde dünýäniň bu ugurda iş alyp barýan kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň we beýleki ýokary derejeli hünärmenleriniň 600-den gowragy çykyş etdi. Foruma syýahatçylyk tehnologiýalary ugrunda iş alyp barýan 400-den gowrak kompaniýa hem gatnaşdy. Maslahatyň birinji gününde 85-den gowrak sessiýa geçirilip, emeli aň, durnuklylyk, sanly öwrülişik ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi, tejribe alşyldy.

**Serwi ABAÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Barmasy kyn 7 ýere bardy

Angliýaly syýahatçy Kris Braun dünýäniň barmasy has kyn ýerleriniň ýedisine baryp, adyny taryha ýazdyrdy. Mundan ozal Demirgazyk Amerika, Günorta Amerika, Afrika, Awstraliýa, Antarktida we Ýuwaş ummanyndaky Nemo nokadyna baran Braunyň soňky duralgasy Demirgazyk polýusyň iň uzak ýeri boldy. Şeýlelikde, Braun taryhda barylmagy mümkin bolmadyk diýlip hasap edilen 7 ýere bardy. Syýahatçynyň esasy maksady ýetip bolmajak (Pole of Inaccesibility) 8 ýere barmakdy. Bu menzile barmak üçin ýola çykan köp adam taýgak buzluklar, güýçli ýel, aşa sowuk howa sebäpli yzyna dolanmaly bolupdy. Bu ýere her gün 30 minut Gün şöhlesi düşýär. Onuň indiki maksady bolsa, Hytaýyň demirgazyk-gündogaryndaky iň çet ýere barmak.

**Döwletgeldi REPOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, leýtenant.*

## 5G-niň ýaýrawy giňeýär

Internet aragatnaşygynyň 5-nji nesli (5G) dünýäde ilkinji gezek 2018-nji ýylda ABŞ-da guruldy. Soňra bolsa, Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa we Hytaý ýaly Aziýa ýurtlarynda hem şeýle tehnologiýalar peýda boldy we Ýewropa ýurtlarynyň ählisi 5G tehnologiýasyny ornaşdyrdy. ABŞ-da 2026-njy ýylda 5G abonentleriniň sanynyň 200 milliona ýetmegine garaşylýar. Şeýlelikde, mobil ulanyjylaryň üçden ikisi aragatnaşygyň has ýokary tizlikli görnüşinden peýdalanar. Maglumatlara görä, Saud Arabystany Patyşalygynda iň ýokary 5G interneti hödürlenýär. 2027-nji ýyla çenli dünýädäki 5G ulanyjylarynyň sanynyň 4,5 milliarda ýetmegine garaşylýar.

**Şasüleýman GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Tok bilen işleýän äpet ýük ulagy

Hytaýyň XCMG kompaniýasy elektrik energiýasy bilen işleýän äpet ýük ulagyny işläp taýýarlady. Ýerasty magdanlary çykarýan känlerde peýdalanmaga niýetlenen ulagyň ýük göterijiligi 240 tonna barabar. Kompaniýa şeýle ulagy Awstraliýanyň «Fortescue» kompaniýasyna satar. Döwrebap ulag dizel ýangyjy bilen işleýän adaty ýük ulagy ýaly kuwwatlydygyna garamazdan, howany hapalaýan tüsse we gaz çykarmaz. Elektrik ulagyň hereketlendiriji ulgamy, takmynan, 2 müň 550 at güýjüni öndürýär. Ulagyň ýokary tizligi sagatda 56 kilometr bolar. «Fortescue» dünýäniň iň uly demir magdanyny eksport ediji kompaniýalarynyň biri bolup, merkezi edarasy Pert şäherinde ýerleşýär.

**Jennet HALLYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# DAŞARY ÝURT DILINI ÖWRETMEGIŇ DÖWREBAP USULLARY

Häzirki döwürde daşary ýurt dillerini bilmek şahsy hem-de hünär derejesinde üstünlik gazanmagyň möhüm şertleriniň biridir. Dünýä ykdysadyýeti, ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk we halkara gatnaşyklary giňeldigiçe, daşary ýurt dillerini öwretmegiň döwrebap we netijeli usullaryny ornaşdyrmak zerurlygy artýar. Şunuň bilen baglylykda, okuw-usulyýet tejribesiniň halkara standartlara laýyk kämilleşdirilmegi döwlet derejesindäki möhüm ugurlaryň biri bolup durýar.

Daşary ýurt dilini öwretmegiň baş maksady – ýaşlaryň dil ünsüni ösdürmek, dilleri diňe grammatik taýdan däl, eýsem, kommunikatiw taýdan hem doly derejede ulanmagy başarmaklaryny üpjün etmekdir. Şeýlelikde, daşary ýurt diliniň öwredilmegine aragatnaşygyň we medeni gatnaşyklaryň möhüm bölegi hökmünde garalýar.

### DÖWREBAP OKUW-USULÝÝET ÇEMELEŞMELER

1. Kommunikatiw çemeleşme: Bu usulda esasy ähmiýet dil arkaly aragatnaşygyň ösdürilmegine berilýär. Okuwçylar dil gurluşlaryny diňe nazary taýdan däl, eýsem, işjeň gepleşik, sorag-jogap, toparlaýyn iş, roly ýerine ýetirmek ýaly ýagdaýlarda ulanýarlar. Netijede, dil öwrenmek nazaryýetden amala geçýär.

2. Wezipä esasly okuw: Bu usulda dil okuwynyň özeni – durmuşyň hakykatyndaky meseleleri çözmek arkaly öwrenmekdir. Mysal üçin, okuwçylar bir meýilnama düzýärler, mahabat ýazýarlar ýa-da söhbetdeşlik geçirýärler. Şeýlelikde, dil diňe maksatly işiň guraly hökmünde peýdalanylýar.



3. Dilleriň ugurlar boýunça öwredilmegi: Bu usulda okuwçylar bir wagtyň özünde hem mazmun (meselem, biologiýa ýa-da taryh), hem-de dil boýunça bilim alýarlar. Bu usul okuwçylaryň täze maglumatlary öwrenip, dilini baýlaşdyrmagyna mümkinçilik berýär.

4. Sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy: Häzirki wagtda daşary ýurt dilini öwretmekde maglumat tehnologiýalarynyň roly örän uludyr. Onlaýn platformalar (Duolingo we beýlekileri), wideo sapaklar we multimediýa serişdeleri, interaktiw simulýasiýalar we wirtual gepleşik gurallary (emeli aň esasly dil kömekçileri) şolaryň arasynda aýratyn ýer tutýar. Sanly gurallar okuwçylaryň özbaşdaklygyny artdyrýar we her biriniň öwreniş depginine görä işleşmäge mümkinçilik berýär.

5. Oýunlaşdyrylan okuw: Oýun elementleriniň ulanylmagy okuwçylaryň höwesini artdyrýar. Bal toplamak, derejesini ýokarlandyrmak, üstünlikleriň sanawyny görmek ýaly aýratynlyklar okuw prosesini gyzykly edýär.

Daşary ýurt dilini öwretmegiň möhüm tarapy – şol diliň medeniýetini öwretmekdir. Medeni maglumatlar, milli däpdessurlar, gündelik durmuşdaky gatnaşyklaryň aýratynlyklary dili has çuňňur öwrenmäge ýardam edýär. Şonuň üçin döwrebap okuw maksatnamalarynda «dil we medeniýet» ýörelgesi utgaşykly alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bilim ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy bilen baglylykda, daşary ýurt dillerini okatmakda hem döwrebap usullar giňden ornaşdyrylýar. Mekdeplerde we ýokary okuw mekdeplerinde multimediýa synp otaglary, interaktiw tagtalar ornaşdyrylýar. Sanly okuw platformalary arkaly onlaýn sapaklar alnyp barylýar. Innowasion okuw-usulyýet kitaplary we elektron sözlükler giňden peýdalanylýar. Şeýle-de halkara hyzmatdaşlyk esasynda daşary ýurtlaryň tejribesi öwrenilip, ýurdumyzyň mugallymlarynyň daşary ýurtlarda bilimlerini ýokarlandyrmagy üçin mümkinçilikler döredilýär.

Daşary ýurt dilini öwretmegiň döwrebap usullarynyň ornaşdyrylmagy okuwçylaryň dil başarnyklaryny ösdürmekde, olary dünýä giňişliginde bäsdeşlige ukyply şahsyýet hökmünde taýýarlamakda uly ähmiýete eýedir. Kommunikatiw, mazmuna esasly we sanly tehnologiýalar bilen utgaşdyrylan çemeleşmeler häzirki zaman dil öwredilişiniň möhüm ýörelgeleridir. Ýurdumyzyň bilim ulgamynda bu ugurda alnyp barylýan işler ýaşlaryň halkara derejesinde giň mümkinçiliklere eýe bolmagyna ýardam edýär.

**Çemen KAKYŞOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# HALKYMYZYŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ DEREJESI ÝOKARLANÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda döwlet maýa goýum syýasatynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak üçin zerur işler alnyp barylýar. Üstünlikli amala aşyrylýan sebit we milli derejedäki maýa goýum taslamalary oňyn netijesini berýär. Munuň özi Diýarymyzyň sebitleriniň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli berkidilmegine ýardam berýär. Bu ugurda öňde goýlan wezipeleri mundan beýläk-de üstünlikli amala aşyrmak maksady bilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy» kabul edildi. Şunuň bilen baglylykda, golaýda geçirilen Türkmenistanyň maýa goýum forumynyň döwletimiziň dünýä jemgyýetçiligi bilen ykdysady gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, täze işewürlik hyzmatdaşlygyny ýola goýmaga we ýurdumyzyň maýa goýum mümkinçilikleri bilen tanyşmaga gowy şert döredýär.




«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy» esasynda ýurdumyzy ösdürmek üçin şu ýylyň ahyryna çenli 40 milliard 72 million manat möçberinde düýpli maýa goýumlar özleşdiriler. Bu bolsa täze önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalary gurmaga hem-de döwrebaplaşdyrmaga şert döreder. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Şu ýylyň ahyryna çenli täze döredilen iş orunlarynyň sany 3 müňden gowrak bolar. Ýakynda «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Bu Konsepsiýa esasynda täze, döwrebap iş orunlaryny döretmäge, ilatymyzyň iş bilen üpjünçiligini has-da kämilleşdirmäge giň mümkinçilikler döreýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gazanylýan üstünlikler we depginli durmuş-ykdysady ösüşler ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda öz beýanyny tapýar. Milli ykdysadyýetimiziň yzygiderli pugtalandyrylmagy, işjeň maýa goýum syýasaty esasynda täze önümçilikleriň açylmagy, amatly işewürlik gurşawynyň döredilmegi raýatlaryň durmuş goraglylygyny berkitmäge, ilatyň maddy-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, hususan-da, iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär.

Muhammet SERDAROW,
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# BILIMLI ÝAŞLAR WATAN GUWANJY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu babatda olaryň köp okamalydygy, hünär öwrenmelidigi barada wagyz işleri geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz ýokary döwlet wezipesine dalaşgärlik maksatnamasynda: «Türkmenistan ýaş nesillere aýratyn üns berilýän ýurtdur. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegi Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen ýaş nesillerdir. Bu nesil eziz Watanymyzyň geljegini gurujylardyr. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has artdyrmak, intellektual ösüşi üpjün etmek, syýasy-jemgyýetçilik durmuşyny kämilleşdirmek, esasan, häzirki nesilleriň hemmetaraplaýyn taýýarlygyna baglydyr» diýip bellemek bilen, ýaşlary beýik geljegi gurmaga çagyrýar.

Häzirki taryhy döwürde Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň talyp ýaşlarynyň we mekdep okuwçylarynyň iri halkara çärelerine, bäsleşiklere we olimpiadalara yzygiderli gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanmaklary guwandyryjydyr. Şu ýylyň dokuz aýynda mekdep okuwçylary halkara ders we internet bäsleşiklerinde 136 altyn, 156 kümüş, 128 bürünç, talyplar bolsa 62 altyn, 109 kümüş, 164 bürünç medala mynasyp boldular. Ýurdumyzyň okuwçylarynyň hem-de talyplarynyň halkara ders, internet olimpiadalarynda 700-den gowrak medala mynasyp bolmaklary buýsanç bilen bellenmäge mynasypdyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Okamagy we öwrenmegi, döredijilikli, yhlasly zähmet çekmegi, eziz Watanymyzyň şan-şöhratyny, mertebesini belende götermegi durmuş mekdebiňize öwürmelisiňiz» diýen pendine ygrarly zehinli ýaşlarymyzyň juwan kalplarynda besleýän hünärleriniň eýesi hök-



münde ata Watanymyzyň ösüş-özgerişlerine mynasyp goşandyny goşjak kämil hünärmenler bolup ýetişmekleri halkymyzyň ýagty geljeginiň beýany bolup durýar.

Ýurdumyzda bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, şunlukda ýaşlaryň bilim derejesini kämilleşdirmäge uly üns berilýändigi bellärliklidir. Kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, bu ulgam üçin goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi ýylyň-ýylyna artdyrylyp, ýurdumyzyň çar künjünde bilim maksatly döwrebap binalaryň gurluşygy amala aşyrylýar. Täze gurlup, ulanylmaga berilýän desgalar gurluşyk-binagärlik nusgalary, hil derejesi bilen düýpli tapawutlanýar, ýurdumyzyň bilim ojaklary döwrebap tehnologiýalar, okuw-tehniki enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilýär. Munuň özi okuw sapaklaryny innowasion usullardan peýdalanyp guramaga hem-de dünýä derejeli bilim ulgamyna eýermäge doly mümkinçilik berýär.

Ýaş türkmenistanlylaryň beden we ruhy taýdan ösen şahsyýet hökmünde kemala gelmekleri üçin amatly şertleri döretmek, olaryň intellektual, döredijilik, ruhy kuwwatyny jemgyýetiň we döwletiň bähbidine gönükdirmek türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny goýan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän ýaşlar syýasatynyň baş maksadydyr. Goý, ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak ugrunda uly tagallalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Maksat BERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# ŞANLY SENE TÄZE ÜSTÜNLIKLER BILEN GARŞYLANÝAR

Häzirki ajaýyp döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän beýik işler halkara derejesinde uly ähmiýete eýe bolýar. Mälim bolşy ýaly, 2025-nji ýyl hut Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly diýlip yglan edildi. Munuň özi ýurdumyzyň hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerip, dünýäde parahatçylygyň höküm sürmeginiň tarapdarydygyny aýdyň görkezýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Kararnamalar kabul edilip, Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy üç mertebe ykrar edildi. Şu agzalan halkara hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan tertipde döwletimiziň serhetleri dost-doganlyk serhetlerine öwrülip, dünýä döwletleri bilen parahatçylykly, dost-doganlyk, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna giň mümkinçilik döretdi.

Asyrlarboýy uly isleg-arzuw bilen ýaşan halkymyz parahatçylygyň, ylalaşygyň we halklaryň arasynda dostlugyň hakyky merkezine öwrülen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde bagtyýar ömür sürýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllyk taryhy senesi bellenilýän döwletimizde ajaýyp wakalar ruhubelentligiň, parahatçylygyň, hoşniýetli gatnaşyklaryň, abadançylygyň binýady bolup taryhymyza girýär. Häzirki zamanyň halkara gatnaşyklary ulgamynda özüniň mynasyp we täsirli ornuny barha berkidýän hemişelik Bitarap Türkmenistan, hormatly Prezidentimiziň çuňňur paýhasly baştutanlygy esasynda, parahatçylygyň we durnukly ösüşiň täze ýeňişli sepgitlerine tarap ynamly öňe barýar.

Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet bolmak bilen, umumadamzat gymmatlyklaryna we demokratiýanyň ýörelgelerine eýermek, ýurduň içinde agzybirligi, asudalygy amal etmek, Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly hal-



kara guramalar bilen ýakyn hyzmatdaşlykda bolup, öz ynsanperwer syýasatyny ýöretmek ýaly asylly işleri üstünlikli berjaý edýär. Biziň ýurdumyz dünýäde we sebitde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegi ugrunda tagallalara özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýäniň 150-den gowrak döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýup, halkara guramalarynyň 50-den gowragynyň agzasy bolmak bilen bir hatarda, halkara konwensiýalaryň we şertnamalaryň, beýleki köptaraplaýyn resminamalaryň 200-den gowragyna gatnaşýandygy işjeň halkara hyzmatdaşlygynyň aýdyň beýany bolup durýar.

Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň, Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň we beýleri halkara düzümleriň durmuşa geçirýän maksatnamalaryny, meýilnamalaryny we taslamalaryny maksatlaýyn ugurlara gönükdirip ulanmak işini giňden ýola goýmak bilen, hereket edýän halkara şertnamalar hem-de konwensiýalar boýunça öz halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmäge wajyp wezipeler hökmünde garaýar.

Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýuny bütin halkymyz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna barha jebisleşmek bilen, ýokary göteriliş ýagdaýynda, täze üstünlikleri gazanmak bilen garşylaýar. Bu halkara baýram Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny, gazanylýan ägirt uly üstünlikleri, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny dünýä ýaýýan baýramdyr. Ýurdumyzda şanly sene mynasybetli dürli dabaralardyr çäreler barha giň gerime eýe bolýar. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, bütin adamzat ähmiýetli beýik başlangyçlary üstünliklere beslensin!

**Rena ATAJANOWA,**
*Darganata etrap bilim bölüminiň müdiriniň orunbasary.*

# MAGTYMGULY PYRAGY – TÜRKMEN HALKYNYŇ BEÝIK ŞAHYRY

Türkmen halkynyň milli medeniýetiniň we edebiýatynyň iň beýik wekilleriniň biri bolan Magtymguly Pyragy XVIII asyryň görnükli akyldary we şahyrydyr. Ol diňe bir şahyr däl, eýsem, halkyň agzybirligini, ruhubelentligini we erkinligini wagyz eden akyldar hökmünde hem dünýäde tanalýar.

Magtymguly Pyragynyň kakasy, meşhur şahyr we alym Döwletmämmet Azady onuň ilkinji halypasy bolýar. Ol ýaşlykdan birnäçe dilde – türkmen, pars, arap dillerinde bilim alýar. Şahyryň bilim ýoly Idris Baba medresesinden başlanyp, soňra Horezmiň Şirgazy we Buharanyň Gögeldaş medreselerinde dowam edýär. Bu ylym ojaklary onuň filosofik we edebi düşünjeleriniň kämilleşmegine uly täsir ýetirýär.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmen edebiýatynyň ösüşinde öwrülişik bolup, onuň goşgulary halk döredijiligi bilen ýakyndan baglanyşyklydyr.

**Watançylyk we bitewülik:** Şahyr goşgularynda türkmen halkynyň jebisleşmegini, halkyň birleşip güýçli döwlet gurmagyny arzuw edýär. «Türkmeniň» atly meşhur goşgusynda türkmenleriň ruhubelentligini we agzybirligini wagyz edýär.

**Durmuş we ahlak:** Akyldar şahyr jemgyýetde adalatyň bolmagyny, halkyň deň hukukly ýaşamagyny, päkligi we halallygy ündeýär.

**Söýgi lirikasy:** şahyryň goşgularynda söýgi hem möhüm tema bolup çykyş edýär. Meňli hakyndaky goşgular onuň şahsy duýgularynyň beýany hökmünde halk arasynda giňden ýaýrandyr.



**Dil aýratynlygy:** Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynyň ilkinji klassygy hasaplanylýar. Ol goşgularyny halkyň düşünýän arassa türkmen dilinde ýazypdyr. Bu aýratynlyk onuň döredijiliginiň halkyň arasynda giňden ýaýramagyna getirdi. Şahyryň goşgularyny diňe bir türkmen bagşylary däl, doganlyk halklaryň bagşylary hem aýdym edip aýdýarlar.

**Mirasy we täsiri:** Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin türki dünýäsiniň uly şahyry hökmünde tanalýar. Onuň döredijiligi birnäçe dillere terjime edilip, dünýä derejesinde giňden ýaýrady. Ýurdumyzda akyldar şahyryň adyny göterýän medeniýet öýleri, mekdepler we ýokary okuw mekdebi bar. 2024-nji ýyl tutuş dünýäde «Magtymguly Pyragy ýyly» hökmünde giňden bellenilip geçildi.

Magtymguly Pyragy türkmenleriň milli aňyny we ruhubelentligini täze derejä çykardy. Şahyryň goşgulary türkmenleriň ahlagynyň, söýgüsiniň we watanperwerliginiň aýnasydyr. Şonuň üçin hem ol türkmen halkynyň aňynda akyldar şahyr hökmünde hemişelik ýaşaýar. Onuň eserleri türkmen halkynyň ruhy mirasyny nesillerden-nesillere ýetiren edebi gymmatlykdyr.

### MAGTYMGULYNYŇ FILOSOFIK GARAÝYŞLARY

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi diňe bir poeziýa bilen çäklenmän, filosofik düşünjeleri hem özünde jemleýär:

1. Adamyň we jemgyýetiň orny – şahyr ynsanyň diňe bir şahsyýet hökmünde däl, jemgyýetiň bir bölegi hökmünde ähmiýetlidigini nygtaýar.
2. Adalatly jemgyýet ideýasy – onuň arzuwy adalatyň hökmürowanlygy halkyň deňhukukly jemgyýetidir.
3. Ynsap, halallyk we päklik – onuň eserlerinde iň köp ündeýän ýörelgeleri.

Magtymguly Pyragynyň dünýäniň medeni mirasynda hem orny uludyr. Magtymguly Pyragy diňe bir türkmenleriň däl, eýsem, türki halklaryň edebi mirasynyň esasy şahsyýetleriniň biridir. Onuň döredijiligi özbek, azerbaýjan, gazak, gyrgyz, türk edebiýatlaryna güýçli täsir edipdir. Goşgulary pars, rus, iňlis we başga-da birnäçe dillere terjime edilipdir. Dünýäniň dürli ýurtlarynda onuň adyna ýadygärlikler dikeldilip, halkara ylmy maslahatlar geçirilýär.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# SAGLYGY GORAÝYŞ MERKEZLERINE DÖWREBAP TEHNOLOGIÝALAR ORNAŞDYRYLÝAR

Ýurdumyzda «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer taglymatlaryň üstünlikli durmuşa geçirilýän döwründe saglygy goraýyş ulgamyny hem ösdürmäge uly ähmiýet berilýär.

Mälim bolşy ýaly, lukman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy esasynda 1995-nji ýylda kabul edilen «Saglyk» Döwlet maksatnamasy 30 ýyldan bäri ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň binýatlyk resminamasy bolup gelýär. Bu maksatnama öňde goýlan möhüm wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde ylmy taýdan esaslandyrylan kämil taglymata öwrüldi. Onuň 2015-nji ýylda rejelenen görnüşde kämilleşdirilmeginde hem lukman Arkadagymyzyň uly tagallasy bar.

Her ýyl ýurdumyzyň Döwlet býujetiniň köp bölegi durmuş maksatly ugurlara gönükdirilýär. Ýurdumyzda döwrebap saglygy goraýyş merkezleri gurlup ulanmaga berilýär. Häzirkizaman jemgyýetinde adam saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak hem-de bejerişiň netijeliligini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Saglygy goraýyş ulgamynda elektron saglyk ulgamlarynyň girizilmegi netijesinde, her bir raýatyň saglyk maglumatlary bitewi maglumatlar binýadyna birleşdirilýär. Bu bolsa lukmanlara näsagyň saglyk ýagdaýy barada doly maglumatlary çalt we takyk görnüşde almaga mümkinçilik berýär. Telelukmançylyk ulgamy uzak aralykdaky ilatly ýerlerde ýaşaýan adamlara ýokary derejeli lukmançylyk maslahatlaryny almaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, sanly aragatnaşyk arkaly lukmanlar keseliň kesgitlemesini goýýarlar, maslahat berýärler we bejergi meýilnamasyny düzýärler.

### EMELI AŇ WE ULY MAGLUMATLAR TEHNOLOGIÝALARY

Emeli aň lukmançylykda giňden ulanylýan innowasion gurala öwrülip başlady. Emeli aň ulgamlary rentgen we beýleki şöhle esasly enjamlar arkaly barlaglarynyň netijelerini seljermekde, näsagyň ýagdaýynyň öňünden çaklamakda we lukmançylyk çözgütleri goldamakda ýokary netijeliligi görkezýär.

Uly maglumatlaryň seljermesi arkaly jemgyýetde ýaýran keselleriň ösüş ugurlary, genetik aýratynlyklary we bejeriş usullarynyň netijeliligi



öwrenilýär. Bu bolsa lukmançylyk ulgamynda ylmy taýdan esaslandyrylan çözgütleriň kabul edilmegine ýardam berýär.

Biotehnologiýanyň ösüşi netijesinde täze derman serişdeleri, sanjymlar we bioorganik süýümler döredilýär. Genetiki barlaglaryň ornaşdyrylmagy şahsylaşdyrylan bejeriş usullarynyň ösdürilmegine mümkinçilik berýär.

### ROBOTLAŞDYRYLAN WE WIRTUAL LUKMANÇYLYK USULLARY

Robotlaşdyrylan operasiýa ulgamlary ýokary takyklygy üpjün edip, bejergi wagtyny we näsagyň dikeliş möhletini gysgaldýar. Şeýle hem wirtual (VR) we goşmaça hakykat tehnologiýalary lukmanlaryň taýýarlygynda, operasiýa simulýasiýalarynda we kliniki tejribede giňden peýdalanylýar.

Sanly platformalar arkaly ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, keselleriň öňüni alyş barlaglaryny geçirmek we epidemiologik maglumatlary ýygnamak işleri alnyp barylýar. Şeýlelikde jemgyýetçilik saglygyny goramakda maglumat tehnologiýalarynyň ähmiýeti barha artýar.

### TÜRKMENISTANDA INNOWASION SAGLYGY GORAÝYŞ ÖSÜŞLERI

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzda sanly saglyk konsepsiýasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýokary tehnologiýaly lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylan saglyk merkezleri gurlup, ilata ýokary hilli hyzmat edilýär. Onlaýn maslahat hyzmatlary, elektron bejergi ýazgylary we halkara tejribe esasynda taýýarlanylan lukmançylyk maglumat ulgamlary giňden ornaşdyrylýar. Döwrebap tehnologiýalaryň we usullaryň ornaşdyrylmagy lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, bejerginiň netijeliligini artdyrmaga we raýatlaryň saglygyny goramakda täze mümkinçilikleri döretmäge ýardam edýär. Sanly ulgamlaryň, emeli aňyň, biotehnologiýanyň we robotlaşdyrylan lukmançylygyň üstünlikli ornaşdyrylmagy geljekde-de saglygy goraýyş ulgamynyň ösmegine esas döreder.

**Raisa ISRAFILOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gistologiýa, sitologiýa we embriologiýa kafedrasynyň uly mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN-GERMANIÝA: SAGLYGY GORAÝYŞ ULGAMYNDA NETIJELI HYZMATDAŞLYK

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan ýola goýlan giň gerimli özgertmeler, adam hakyndaky aladany esasy ugur edinýän ynsanperwer işler häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen üstünlikli durmuşa geçirilýär. Daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kliniki merkezleri bilen hyzmatdaşlyk şol işleriň möhüm bölegini düzýär. Şunda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň saglygy goraýyş ulgamynda toplan tejribesini öwrenmäge uly ähmiýet berilýär. Bu ýurt bilen hyzmatdaşlyk köpýyllyk we yzygiderli häsiýete eýedir. Germaniýanyň belli lukmanlarynyň ýurdumyza sapary hem iki ýurduň hünärmenleriniň arasynda saglygy goraýyşda toplanan tejribeleri paýlaşmakda örän ähmiýetlidir.

Germaniýa bilen adam saglygyny goramak, bejergi hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, ylmy barlaglary we lukmanlaryň taýýarlygyny ösdürmek babatda hem hyzmatdaşlyk edilýär. Şol nukdaýnazardan, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň biri hem saglygy goraýyş ulgamyndaky hyzmatdaşlykdyr.

Türkmenistan bilen Germaniýanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlanyndan bäri birnäçe pudaklarda, şol sanda saglygy goraýyş ulgamynda hem netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Bu gatnaşyklaryň esasy maksady Germaniýanyň öňdebaryjy lukmançylyk tejribesini ornaşdyrmak, hünärmenleri taýýarlamak we ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmakdan ybaratdyr.

Şu maksat bilen ýurdumyzyň saglygy goraýyş işgärleriniň Germaniýanyň öňdebaryjy klinikalarynda, ylmy-barlag institutlarynda tejribe alyşmaklaryna mümkinçilik döredildi. Germaniýanyň tejribeli lukmanlary hem Türkmenistanda bolup, kardiologiýa, hirurgiýa, pediatriýa, onkologiýa we saglygy dikeldiş ýaly ugurlarda okuw seminarlary, amaly sapaklary guraýarlar.

### GERMANIÝANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ ULGAMYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Germaniýa dünýäde iň ösen saglygy goraýyş ulgamlarynyň birine eýedir. Bu ulgam ýokary derejeli lukmançylyk hyzmatlary, sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy we ätiýaçlandyryş ulgamynyň hereket etmegi bilen tapawutlanýar.



Lukmançylyk ätiýaçlandyryş ulgamy: Germaniýanyň saglygy goraýyş ulgamy, esasan, ätiýaçlandyryş ýörelgesine esaslanýar. Ilatyň 90%-den gowragy hökmany döwlet saglyk ätiýaçlandyryş ulgamyna, galan bölegi bolsa hususy ätiýaçlandyryş ulgamyna girýär.

Lukmançylyk tehnologiýalarynyň ösüşi: Germaniýa dünýäde lukmançylyk enjamlarynyň, keseli anyklaýyş ulgamlaryň we derman serişdeleriniň önümçiliginde öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Şöhle arkaly bejergi, robotlaşdyrylan operasiýa ulgamlary hem-de telelukmançylyk hyzmatlary giňden ulanylýar. Şeýle-de biotehnologiýa, genetiki barlaglar we farmasewtika pudagy Germaniýanyň ylmy-innowasion ösüşleriniň esasy ugurlarynyň biridir.

Ylmy-barlag we kliniki tejribe: Germaniýanyň klinikalary dünýäde lukmançylyk barlaglarynyň hem-de täze bejergi usullarynyň ösdürilýän merkezleri hökmünde tanalýar. Şeýle institutlaryň arasynda «Charité – Universitätsmedizin Berlin», «Heidelberg University Hospital», «Munich University Hospital» ýaly merkezler aýratyn orun eýeleýär.

### ÝURDUMYZDA GERMANIÝANYŇ TEJRIBESINIŇ ORNAŞDYRYLMAGY

Türkmenistan Germaniýanyň tejribesinden ugur alyp, saglygy goraýyş ulgamyny yzygiderli döwrebaplaşdyrýar. Germaniýanyň tehnologiýalary we enjamlary ýurdumyzda gurulýan döwrebap hassahanalarda giňden ulanylýar. Lukmançylyk işgärleriniň taýýarlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen Germaniýanyň ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

Iki ýurduň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk iki ýurduň arasyndaky ynanyşmagyň we dostlugyň aýdyň subutnamasydyr. Germaniýanyň öňdebaryjy tejribesiniň, döwrebap tehnologiýalarynyň we ylmy barlaglarynyň ornaşdyrylmagy Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynyň halkara derejede ösüşine oňyn täsir edýär. Bu hyzmatdaşlygyň dowam etdirilmegi ilatyň saglygyny goramakda, bejeriş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmakda we lukmanlaryň hünär derejesini artdyrmakda uly ähmiýete eýe bolar.

**Musa ARSLANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**BMG-niň Baş sekretary wezipesine dalaş etmekçi.** Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň (IAEA) başlygy Rafael Grossi BMG-niň Baş sekretary wezipesine dalaş etmekçi. Grossi halkara agentligiň başlygy hökmünde toplan tejribesiniň BMG-niň Baş sekretary wezipesine dalaş etmäge kömek etjekdigini belledi. Grossi hemmeler bilen gepleşik geçirmäge we hemmeler üçin kabul ederlikli araçy bolmaga tagalla etjekdigini aýtdy.



**Mask ýene-de baý boldy.** Amerikaly işewür Ilon Mask baýlygy 500 milliard amerikan dollaryna ýeten taryhda ilkinji adam boldy. «Mask işewürligini dowam etdirse, 2033-nji ýylyň martyna çenli dünýäde ilkinji trillioner bolup biler» diýip, «Forbes» belleýär. Mask häzirki wagtda «Tesla» we «SpaceX» kompaniýalaryna ýolbaşçylyk edýär. Şeýle-de X sosial ulgamyna we «Neuralink» neýrotehnologiýa kompaniýasyna eýeçilik edýär.



**Saýlaw kampaniýasy başlandy.** 28-nji sentýabrda Kamerunda saýlaw kampaniýasy resmi taýdan başlandy. 12 dalaşgär, şol sanda 1 zenan ýurduň iň ýokary wezipesi üçin bäsleşýär. Kampaniýa iki hepde dowam eder we 12-nji oktýabrda geçiriljek Prezident saýlawlarynda jemlener. Kamerunyň Halk-demokratik hereketiniň lideri, häzirki Prezident Pol Biýa ýene-de 7 ýyllyk möhlete dalaş edýär.



**Munisipalitet saýlawlary geçirildi.** 4-nji oktýabrda Gruziýanyň dolandyryjy «Gruzin arzuwy – Demokratik Gruziýa» partiýasy häkimleriň we ýerli dolandyryş edaralarynyň deputatlarynyň saýlawlarynda ähli 64 munisipalitetde (şäher häkimligi) ýeňiş gazandy. Maglumatlara görä, «Gruzin arzuwy» tutuş ýurt boýunça 81 göterimden gowrak ses aldy. Häkimiýet başyndaky partiýa ähli şäher we etrap mejlislerinde ynamly köplüge eýe boldy.



**Prezident Trampyň şekili goýlan şaýylyk.** ABŞ-nyň gaznasy Prezident Donald Trampyň şekili goýlan bir dollarlyk şaýylyklary zikgelemegi göz öňünde tutýar. Maglumatlara görä, bu ädim ABŞ-nyň döredilmeginiň 250 ýyllygyny bellemegiň çäklerinde meýilleşdirilýär. Şaýylykda Amerikanyň baýdagynyň öňünde Prezident Trampyň elini göterip duran pursady şekillendiriler. Şeýle-de bolsa, Gaznanyň wekilleri şaýylygyň dizaýnynyň entek doly tassyklanmandygyny aýtdy.



**ÝUNESKO-nyň täze baş direktory.** Müsüriň öňki syýahatçylyk we gadymyýet ministri Haled al-Anani guramanyň Parižde geçirilen mejlisinde Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) baş direktory wezipesine ýeke-täk dalaşgär hökmünde hödürlendi. Häzirki baş direktor Odre Azuleniň ygtyýarlyk möhleti noýabr aýynda tamamlanýar.



**Iň gymmat bir çaşka kofe.** Merkezi edarasy Dubaýda ýerleşýän Tehasdaky «Roasters» kofehanasy iň gymmat bir çaşka kofesi üçin Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Bu kofe «pour-over» usuly bilen taýýarlandy we billur çaşkada hödür edildi. Kofeni taýýarlamak üçin Panamada ýetişdirilýän «geisha» sortunyň saýlama dänesi ulanyldy. Bir çaşka kofeniň bahasynyň 670 amerikan dollardygy mälim edildi.



**Iň semiz aýy saýlandy.** Alýaskadaky Katmaý milli seýilgähinde we goraghanasynda her ýyl geçirilýän «Fat Bear Week» bäsleşiginiň netijeleri mälim edildi. Çank atly erkek aýy goňur aýylaryň iň semizi diýlip ykrar edildi. Çankyň agramy 544 kilograma deň. Ol açyk bäsleşikde 96 müň 350 ses gazandy.



# NOBEL HEPDELIGI DOWAM EDÝÄR

Şwesiýanyň Korollyk ylymlar akademiýasy Nobel baýraklaryny mälim edýär. Hepdäniň başyndan bäri jemi 4 ugurda baýraklaryň eýeleri yglan edildi.

6-njy oktýabrda Şwesiýanyň Korollyk ylymlar akademiýasy Fiziologiýa we lukmançylyk boýunça 2025-nji ýylyň Nobel baýragyny amerikan alymlary Meri Brunkoua, Fred Ramsdelle we Simon Sakagutä bedeniň gorag ulgamy ugrundaky geçiren barlaglary üçin berdi. «Alymlar bedene zyýan ýetmeginiň öňüni alýan periferiýa immun çydamlylygy bilen baglanyşykly düýpli açyşlary etdiler» diýip, Nobel komiteti habar berdi. Brunkou, Ramsdell we Sakaguti barlaglaryň täze ugruny esaslandyrdy. Olar immun ulgamynyň goragçysy hökmünde hereket edýän kadalaşdyryjy T öýjüklerini kesgitlediler. Bu açyşlar häzirki wagtda kliniki synaglarda ulanylyp biljek bejergileriň ösmegine sebäp boldy. Açyşyň netijesinde awtoimmun kesellerini bejerip bolýar, rak keselini bejermegiň netijeliligini ýokarlandyryp bolýar hem-de öýjük transplantasiýasyndan soň çynlakaý gaýra üzülmeleriň öňüni alyp bolýar.

7-nji oktýabrda 2025-nji ýylyň Fizika boýunça Nobel baýragy amerikaly Jon Klarka, Mişel H.Dewore we Jon M.Martinise makroskopik kwant-me-




haniki tunnelini we elektrik zynjyrynda energiýa kwantyny ýüze çykarandygy üçin berildi. Baýrak eýeleri çipde elektrik zynjyry bilen synag geçirip, has uly bolan ulgamda kwant tunnelini, şeýle hem kwantlanan energiýa derejesini görkezdiler. 1984-1985-nji ýyllarda alymlar geçiriji däl materialyň inçe gatlagy bilen bölünen super geçiriji komponentleri ulanypdylar. Döredilen ulgam tutuş zynjyry doldurýan ýekeje bölejik ýaly hereket etdi. Bu açyş kwant kompýuterleriniň, kwant kriptografiýanyň we sensorlaryň täze nesliniň ösmegine esas döretdi.

8-nji oktýabrda Himiýa boýunça Nobel baýragy ýapon himigi Susumu Kitagawa, britan himigi Riçard Robsona we asly iordaniýaly amerikan himigi Omar Ýaghä metal-organiki gurluşlary ösdürendigi üçin berildi. Baýrak alanlaryň geçiren barlaglary möhüm amaly meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär. Metal-organiki karkaslar çölüň howasyndan suw almak, kömürturşy gazyny tutmak we zäherli maddalary saklamak üçin ulanylyp bilner. Bu açyşlar Riçard Robsonyň 1989-njy ýylda başlan barlaglaryna esaslanýar. Susumu Kitagawa we Omar Ýaghi şeýle gurluşlaryň durnuklylygyny we çeýeligini görkezip, bu çemeleşmäni has-da ösdürdiler.

9-njy oktýabrda 2025-nji ýylyň Edebiýat boýunça Nobel baýragy wenger ýazyjysy Laslo Krasnahorkaýä berildi. Ýazyjy bu baýraga «dünýäde emele gelen häzirki ýagdaýlarda sungatyň güýjüni tassyklaýan täsirli we öňdengörüjilikli döredijiligi üçin» eýe boldy. 1983-nji ýylda Budapeşt uniwersitetini tamamlan Krasnahorkai hukuk we sungatyň taryhy boýunça bilim aldy. Ýazyjy Mongoliýa, Hytaýa, Ýaponiýa, Bosniýa, ABŞ-a we Ýewropa ýurtlaryna syýahat etdi. Onuň ilkinji kitaby 1977-nji ýylda neşir edildi. Krasnahorkainiň antiutopik romanlary we gysga hekaýalary köpleriň göwnünden turdy. Ýazyjynyň eserleri dünýä dilleriniň köpüsine terjime edildi. 71 ýaşyndaky ýazyjy köp sanly abraýly baýraklaryň eýesidir.

Şu gün – 10-njy oktýabrda Osloda Parahatçylyk boýunça baýragyň eýesi, 13-nji oktýabrda bolsa, Alfred Nobeliň hormatyna döredilen Ykdysadyýet boýunça baýragyň eýesi mälim ediler. Ykdysadyýet boýunça baýrak 1968-nji ýylda Şwesiýanyň Merkezi banky tarapyndan esaslandyryldy. Nobel baýragynyň möçberi 11 million şwed kronyna (1,17 million amerikan dollary) deň. Baýrak gowşurylyş dabaralary, adatça, 10-njy dekabrda şwesiýaly alym we oýlap tapyjy Alfred Nobeliň aradan çykan güni Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda we Norwegiýanyň paýtagty Osloda geçirilýär.

# Dolandyryjy partiýanyň täze ýolbaşçysy

64 ýaşly Sanae Takaiti Günüň dogýan ýurdunda ilkinji zenan Premýer-ministr bolmaga taýýarlanýar. Ol dolandyryjy Liberal-demokratik partiýanyň (LDP) täze lideri hökmünde tassyklandy. Parlament tarapyndan onuň dalaşgärligi makullanandan soň, Takaiti wezipesine girişer.

LDP-niň başlygy wezipesine bäş dalaşgär – häzirki iki ministr we öňki üç ministr dalaş etdi. Saýlawlarda ýeňiş gazanan Takaiti Premýer-ministr Sigeru Isibanyň ornuna geçer. Isiba ýaňy-ýakynda LDP-de bolup geçen parlament saýlawlaryndan soň işinden çekiljekdigini mälim edipdi. Şol saýlawlarda dolandyryjy koalisiýa iki palatada-da köplügini ýitirdi.

Takaiti soňky bäş ýylda dördünji Premýer-ministr bolar. Tejribeli syýasatçy (ilkinji gezek 1993-nji ýylda parlamente saýlandy) ykdysady howpsuzlyk, kosmos we ylym syýasaty hem-de içeri işler ýaly ugurlarda möhüm wezipelerde işledi.

Takaiti berk konserwatiw tutumy, Ýaponiýanyň Konstitusiýasyna täzeden garamagy, harby güýçleriň kuwwatyny artdyrmagy maksat edinýänligi bilen tanalýar. Ykdysady meselelerde salgytlary azaltmaga, sebit



subsidiýalaryna, energiýa we ýarymgeçiriji önümçiligi ýaly strategik pudaklara goldaw bermegi maksat edinýär. Ýaponiýada oktýabr aýynyň ortalarynda täze Ministrler Kabinetiniň Başlygyny tassyklamak üçin nobatdan daşary mejlisiň geçirilmegine garaşylýar.

# Saýlawlaryň senesi belli boldy

Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow 30-njy noýabrda Žogorku Keneşiň (Mejlis) agzalary üçin möhletinden öňki saýlawlary geçirmek baradaky karara gol çekdi. Degişli karar döwlet Baştutanynyň resmi web sahypasynda çap edildi. Resminama laýyklykda, merkezi komissiýa saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça uzak aralykdan ses bermek ulgamyny ulanyp, ýurduň kanunçylygyna laýyklykda ses bermegi guramak tabşyryldy.

Hökümet saýlawlary maliýeleşdirmegi üpjün eder we jemgyýetçilik tertibini goramak hem-de raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramak boýunça çäreleri görer. Şeýle hem Ministrler Kabinetine saýlawçylaryň sanawyny düzmek üçin ilatyň bitewi döwlet sanawynyň maglumatlaryny takyklamak, onlaýn düzgünde tanamak ulgamyny kämilleşdirmek we ygtybarly kiber howpsuzlygy goragyny üpjün etmek tabşyryldy.

Noýabr aýynda geçiriljek ses berişlik Sadyr Žaparowyň iýun aýynda gol çeken Konstitusion kanunynda göz öňünde tutulan täze ulgamda geçiriler. Gyrgyzystanda 30 sany köp mandatly saýlaw okrugy döredilip, olaryň her biri 3 deputat saýlar. Her saýlaw okrugynda 1 orun zenan dalaşgär üçin bölünip berler we parlamentde, azyndan, 30 zenanyň bolmagy kepillendirilýär.



Žogorku Keneş Gyrgyzystanyň bir palataly parlamenti bolup, bäş ýyllyk möhlete saýlanan 90 agzadan ybarat. Ilkibaşda, Gyrgyzystanda parlament saýlawlary 2026-njy ýylyň noýabr aýynda meýilleşdirilipdi.

# ANO hereketi ýeňiş gazandy

4-nji oktýabrda öňki Premýer-ministr Andreý Babişiň ýolbaşçylygyndaky «Kanagatlanmadyk raýatlaryň hereketi» (ANO) Çehiýada geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Sesler doly sanalandan soň resmi netijeler mälim edildi.

Saýlaw uçastoklarynyň 99 göteriminden gowragynyň sesleri sanalandan soň, ANO 34,6% ses aldy, dolandyryjy merkezi sagçy koalisiýa SPOLU bolsa 23,3% ses bilen ikinji orny eýeledi.



5% çäkden geçen beýleki partiýalaryň arasynda 11,2% ses bilen «Arçynlar we garaşsyzlar» (STAN) hereketi, 8,9% bilen «Çeh nökerleri partiýasy», 7,8 göterim bilen aşa sagçy «Erkinlik we göni demokratiýa» hereketi (SPD) we 6,8% bilen «Awtoulag sürüjiler» partiýasy bar. Babiş ses berişligiň netijelerini syýasy karýerasynyň esasy pursady diýip atlandyrdy. Saýlawlaryň öňüsyrasynda Babiş ilata ýurduň ykdysady ýagdaýyny has-da gowulandyrmagy wada berdi.

– Biz diýseň begenýäris we saýlawlara gelenleriň hemmesine sagbolsun aýdýarys – diýip bellän Babiş ANO-nyň taryhy ýeňiş gazanandygyny aýtdy.

# Milli puluň denominasiýasy geçiriler

Eýranyň Mejlisi ýurduň milli walýutasy – rialyň denominasiýasy baradaky taslamany tassyklady. Eýranyň Merkezi banky häzirki pul ulgamyna we walýuta ätiýaçlyklaryna laýyklykda, daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalyş hümmetini kesgitlemäge, walýutany satyn almaga we satmaga jogapkärçilik çeker.

«Goşa dolanyşykly döwür» diýlip atlandyrylýan üç ýyllyk geçiş döwri häzirki we täze rialyň bir wagtda dolanyşygyny öz içine alýar. Bu döwürde bar bolan banknotlar we şaýylyklar ýuwaş-ýuwaşdan dolanyşykdan çykarylar. Eýranda denominasiýa (kagyz pullaryň gymmatynyň peselmegi bilen adyny üýtgetmeklik) meýilnamasy ýokary inflýasiýanyň we rialyň hümmetiniň peselmegi netijesinde, köp ýyldan bäri ara alnyp maslahatlaşylýar.

Bu taslamada banknotlardan 4 sany noly aýyrmak teklip edilýär. Şeýlelikde, meselem, 10 müň riallyk banknot 1 riala öwrüler. 1 rial



hem öz gezeginde, 100 kerana bölüner.

Dört noluň aýrylmagy maliýe amallaryny, buhgalter hasabatyny we gündelik durmuşda walýutany ulanmagy ýönekeýleşdirmäge gönükdirilendir.

# Paýtagty Nusantara göçürmekçi

Indoneziýanyň häkimiýetleri 2028-nji ýyla çenli ýurduň paýtagtyny Jakartadan Nusantara göçürmegi meýilleşdirýär. Bu barada Respublikanyň Prezident administrasiýasynyň başlygy Muhammet Kodari aýtdy.

«Nusantaranyň paýtagt derejesine eýe bolmagy üçin ol ýerde kanun çykaryjy we kazyýet edaralarynyň binalar toplumy gurulýar» diýip, «Jakarta Globe» neşiri ýazýar. Indoneziýanyň Prezidenti Prabowo Subiantonyň görkezmesine laýyklykda, ähli zerur hökümet binalarynyň gurluşygy 2028-nji ýyla çenli tamamlanar.

– Bu binalar toplumy täze paýtagtyň döwlet häkimiýetiniň standartlaryna doly laýyk gelmegine mümkinçilik döreder – diýip, Muhammet Kodari belledi.

2014-nji ýyldan 2024-nji ýyla çenli Indoneziýanyň Prezidenti wezipesini eýelän Joko Widodo paýtagty 2019-njy ýylda Jakartadan göçürmegi teklip etdi. Megapolisiň ilkibaşda 2024-nji ýyla çenli Kalimantan adasynda gurulmagy meýilleşdirilipdi. Şu maksat bilen 32 milliard amerikan dollary töweregi pul bölünip berildi, ýöne COVID-19 pandemiýasy bu taslamany bökdedi.

2022-nji ýylyň ýanwar aýynyň ortalarynda döwlet Baştutany täze paýtagtyň Nusantara diýlip atlandyryljakdygyny mälim etdi. 2024-nji ýylyň 28-nji iýulynda Joko Widodo ilkinji iş gününe başlamak üçin ol ýere syýahat etdi, ýöne 30-njy iýulda häzirki hökümet merkeziniň ýerleşýän ýeri bolan Jakarta gaýdyp geldi. Prezidentlige saýlanandan soň, Prabowo Subianto Nusantaranyň gurluşygyny tamamlamagy maksat edinýändigini we ol ýere göçmäge taýýardygyny aýtdy. Paýtagtyň göçürilmeginiň sebäbi Jakartanyň aşa köp ilatly bolmagy bilen bagly bolup, her inedördül kilometrde 16 müňden gowrak adam ýaşaýar.



# Ýaş hünärmenler üçin wiza

**Hytaý ylym we tehnologiýa boýunça ýaş hünärmenlere elýeterli boljak adaty wiza kategoriýalaryna «K» wizasyny goşdy. Bu barada HHR-iň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Go Szýakun habar berdi.**

**Onuň sözlerine görä, täze wiza görnüşi hytaýly we daşary ýurtly ýaş ylmy-tehniki hünärmenleriň arasynda işçi alyş-çalşygyny we hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.**

**Täze düzgün 1-nji oktýabrda güýje girdi. Bar bolan 12 görnüşli adaty wiza bilen deňeşdirilende, «K» wizasy işlemäge barýanlara has köp giriş rugsady, has uzak möhletli galmak ýaly goşmaça ýeňillikleri hödürlär.**

**«K» wizasy bolanlar Hytaýa girenlerinden soň bilim, medeniýet, ylym we tehnologiýa ýaly ugurlardaky hyzmatdaşlyklar, şeýle hem telekeçilik işleri bilen meşgullanarlar. Ýaş, bilim we iş tejribesi bilen baglanyşykly aýratyn talaplardan başga, «K» derejeli wizany almak üçin hytaýly iş berijilerden çakylyk hatyny almagyň zerurlygy ýok. Mundan başga-da, arza bilen ýüz tutmak hem ýönekeý bolar.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1933-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda amerikan kompaniýasy «Procter & Gamble» tarapyndan döredilen «Dreft» atly egin-eşik ýuwujy serişdesi ilkinji gezek ABŞ-da satuwa çykaryldy. Bu önüm egin-eşikleri ýuwmagyň täze usulyny hödürleýän öwrülişik boldy. Bu oýlap tapyş Germaniýada «Henkel» kompaniýasy tarapyndan ilkinji ýuwujy serişdäniň döredilmegi bilen başlanan himiki tehnologiýalaryň ösüşiniň netijesi boldy.**




# AFRIKANYŇ GIDROELEKTRIK STANSIÝASY

**Geçen aý Efiopiýada ýurduň Premýer-ministri Abiý Ahmed tarapyndan resmi taýdan açylyp ulanmaga berlen Afrikanyň iň uly gidroelektrik stansiýasy doly güýjünde işe girizildi. Bu taslama ýurtda millionlarça öýi elektrik togy bilen üpjün eder. Häzirki wagtda Efiopiýa gidroelektrik stansiýasynyň işe girizilmegi bilen elektrik önümçiligini iki esse artdyrmagy meýilleşdirýär.**

**120 million ilaty bilen Afrika yklymynda ikinji orunda durýan Efiopiýa Nil derýasynyň goşandyndaky 5 milliard amerikan dollarlyk «Hydase» (Galkynyş) bendi diýlip**



**atlandyrylýan gidroelektrik stansiýasyna ykdysady ösüş boýunça maksatlarynyň naýbaşysy hökmünde garaýar. Gurluşygyna 2011-nji ýylda badalga berlen bentde elektrik energiýasynyň öndürilmegi iň soňunda 750 MWt-den 5150 MWt-ä çenli ýokarlanar diýlip garaşylýar. Efiopiýanyň Premýer-ministri Abiý Ahmed bu stansiýanyň efiopiýalylaryň elektrik energiýasyna elýeterliligini ýokarlandyrmak we artykmaç energiýany goňşy ýurtlara eksport etmek üçin ulanyljakdygyny aýtdy.**

**1960-njy ýyllarda Nil derýasynda Aswan bendini guran Müsür bu bendiň guraklyk döwründe ýurduň suw üpjünçiligini çäklendirmegine alada bildirýär. 108 million töweregi ilaty bolan Müsür Nil derýasynyň süýji suwunyň, takmynan, 90 göterimini peýdalanýar.**

**Abiy iýul aýynda parlamentde eden çykyşynda «Hydase» bendiniň ähli mümkinçiliklere eýedigini aýtdy.**

**– Onuň öndürjek energiýasy diňe Efiopiýa däl, eýsem, goňşy ýurtlara hem has köp peýda getirer – diýip, Abiý Ahmed belledi.**

**Desganyň gurluşygynda we maliýeleşdirilmeginde hytaý kompaniýalary möhüm orun eýeleýär. Stansiýa ilkinji elektrik energiýasyny 2022-nji ýylyň fewralynda öndürdi.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Täsin seýilgäh – tolgundyryjy başdangeçirme

Çžanszýasze milli seýilgähine ilkinji gezek barýan her bir syýahatçy dag gerişlerinden ýasalan sungata meňzeýän Hytaýyň bu tebigy gözelligini görüp haýran galýar. Çžanszýasze Hytaýyň günorta-günbatarynda, Hunan welaýatynyň Wulinýuan goraghanasynyň çäginde ýerleşýän milli seýilgäh bolup, Wulingshan daglyk ulgamyna degişlidir. 48,15 gektar meýdana barabar bolan Çžanszýasze 1982-nji ýylda milli seýilgäh hökmünde ykrar edilýär. 1992-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen seýilgähiň uzak ýyllaryň dowamynda ýagşyň köp ýagmagy, howanyň we çyglylygyň üýtgemegi bilen emele gelendigi çaklanylýar.







Kwarsdan we daşlardan emele gelen beýik we dik gaýalar ösümlik bitýändigi bilen tapawutlanýar. Seýilgähde iň owadan gaýanyň beýikligi 1080 metre barabar bolup, hytaýlylar bu gaýany «Awatar-Hallelujah dagy» diýip atlandyrýarlar. «Awatar dagy» hem diýilýän bu gaýa dyrmaşyp çykyp bolmaýar. Seýilgähde 3 müňden gowrak gaýa bolup, olaryň üçden biri 200 metrden beýikdir. Seýilgähiň iň beýik nokady 1890 metre barabar bolan Doupeng dagy hasaplanýar. 2011-nji ýylda Týanmen dagynda «batyr» syýahatçylar üçin gaýanyň daşyndan aýlanyp geçilýän, uzynlygy 100 metr, ini 1,5 metr bolan täsirli pyýada ýoly guruldy. Aýna bilen örtülen 1400 metr belentlikdäki bu ýol dünýädäki iň bir ünsi çekiji we daşyndan seredeniňde howply görünýän ýerleriň biridir. Seýilgähiň iň owadan ýerleriniň biri hökmünde asman köprini (Zhangjiajie Grand Canyon) görkezmek bolar. 2016-njy ýylda açylan bu köpri dünýädäki iň uzyn we iň beýik pyýada aýna köpri hasaplanýar. Ýerden 357 metr belentlikdäki «1-nji tebigy köpri» hem diýilýän «Grand Canyon»-yň ini 4 metre, uzynlygy 50 metre barabar bolup, iki gaýanyň depesini birleşdirýär. Gaýanyň depesine çalt barmak üçin gurlan «100 aždarha lifti» (Bailong Lift) hem görenleri haýrana goýýar. Syýahatçylar aýna kapsulaly açyk lift bilen 330 metr belentlikdäki dik gaýa çykyp, seýilgähiň täsin gurluşyny we özboluşly tebigatyny synlamaga mümkinçilik alýarlar. Syýahatçylarda ýatdan çykmajak duýgulary döredýän «100 aždarha lifti» daglyk ulgamda gurlan dünýädäki iň beýik açyk lift hasaplanýar. Bulardan başga-da, seýilgähiň düzüminde birnäçe gowak, emeli Baofeng köli bar.

Milli seýilgähde 3 müňe golaý seýrek ösümlik ösýär. Dünýäde seýrek duş gelýän kepderi agajyny, gingko we gyzyl agajyny bu ýerde görmek bolýar. Sebitiň haýwanat dünýäsi hem köp görnüşli bolup, bu ýerde 500-den gowrak janly-jandar ýaşaýar. Olaryň arasynda maýmynyň käbir seýrek duş gelýän görnüşi, salamanderler hem bar.

Seýilgähden uzak bolmadyk ýerde Wulinýuan atly kiçijik şäher ýerleşýär. Çžanszýasze milli seýilgähine gelen syýahatçylaryň aglaba bölegi bu şäheriň myhmany bolýarlar. Syýahatçylar üçin ähli zerurlyklar göz öňünde tutulan bu şäherçede myhmanhanadyr restoranlaryň birnäçesi bar.

# Bagtly ýaşamak üçin 5 ýörelge

**Nikalaşmak iki adamyň durmuşyny birleşdirýän iň möhüm kararlaryň biridir. Nikalaşmak bilen iki ýaş juwanyň arasynda maşgala emele gelip, uzak ýyllaryň dowamynda bagtly maşgala bolmak üçin uly tagalla edilýär. Bilermenler ýanýoldaşyň bilen düşünişip, bagtly durmuşda ýaşamagyň syrlaryny şeýle beýan edýärler.**

**Diňlemegi başarmak.** Diňlemegi başarmak sungat bolup, ýanýoldaşyň aýdanlaryna dogry düşünmegi we mylaýym jogap bermegi başarmaly. Düşünişmezlikleriň köpüsi derdiňi aýdyp bilmezlik, diňlemegi başarmazlyk we ýalňyş düşünmek bilen bagly ýüze çykýar. Şol sebäpli, ýanýoldaşyň diýýän sözlerini diňe bir eşitmeli däl, eýsem, duýgularyň bilen kabul etmeli.

**Dogruçyllyk we duýgularyňy paýlaşmak.** Özüňi dogruçyl alyp barmak we duýgularyňy saýlap alan ýaryň bilen paýlaşmak maşgala gatnaşygynyň esasyny düzýän ynamy güýçlendirmäge ýardam edýär. Ynam özara gatnaşyklaryň esasy sütüni bolup, bagtyýar geljegi üpjün edýär. Özüňi bagtyýar, aladaly ýa-da gaharly duýýandygyňa garamazdan, duýgularyňy maşgalaň bilen paýlaşmaly. Bu adamyň özüni rahat alyp barmagyna, birek-birege has-da ýakynlaşmaga we maşgala gatnaşyklaryny berkitmäge kömek edýär.

**Özara tankyda dogry düşünmek.** Maşgalada düşünişmezlikleriň bolmagy tebigy zat. Bu ýagdaý, esasan hem, kemçilikleriňi bilmezlik esasynda ýüze çykýar. Şol sebäpli maşgalada ýüze çykýan kemçilikleri bir-biriňi kemsitmezden, ýumşak äheňde aýtmaly. Esasy zat hem sebäpkär gözlemeli däl-de, meseläniň ýüze çykmagyna sebäp bolan ýagdaýy anyklamaly. Ýalňyşy gaýtalamazlyga synanyşmaly. «Men» ýa-da «Sen» diýen jümläniň ýerine «Biz» diýen jümläni ulanmaly.



**Hal-ahwal soraşmak.** Günüň dowamynda iş-alada bilen bolup, bir öýde ýaşaýan hem bolsa, kähalatda hal-ahwal soraşmagy we gürrüňleşip oturmagy ýatdan çykarýarys. Bu ýagdaý maşgalada sowuk-salalyga getirip biler. Şol sebäpli maşgalaňdan wagtal-wagtal hal-ýagdaýyny soramagy, öýde dynç alýan wagtyň söhbet edip oturmagy ýatdan çykarmaly däl. Hal-ahwal soraşmak alada edilýändiginiň alamaty bolup, maşgala gatnaşygyny has-da berkidýär.

**Hormat goýmak we minnetdarlyk bildirmek.** Ýanýoldaşyňa edýän aladalary üçin minnetdarlygyňy yzygiderli beýan etmeli. Agşam naharyndan soňra, ýanýoldaşyňa naharyň süýji bolandygyny aýtmak ýa-da öýe getirilen haýsydyr bir zat üçin ýoldaşyňa hoşallyk bildirmek onuň üçin ýakymly bolsa gerek. Minnetdarlyk oňyn duýgulary döredip, agzybirligi saklamaga we biri-biriňe bolan hormaty artdyrmaga ýardam edýär.

# Näme üçin gül oklanýar?

«Gül çemenini gapan oglan tizden-tiz öýlenýär. Gül dessesini tutan gyzyň bagty açylýar». Megerem bu jümleler hemmämiz üçin tanyş bolsa gerek. Toýlarda sabyrsyzlyk bilen garaşylýan pursatlaryň biri hem, gül dessesini gapmak pursadydyr. Asyrlardan bäri dowam edip gelýän gül oklamak däbi 1800-nji ýyllarda Angliýada döräpdir. Şol döwürler myhmanlar gelniň gülüni alyp gaçmak üçin dürli oýunlar edipdirler. Wagtyň geçmegi bilen toý tutýan ýaşlaryň özi gül çemenini myhmanlara tarap taşlamak bilen täze bir däp ýüze çykypdyr. Bu däp toýlaryň şowhunyny artdyryp, kimde kim gül çemenini tutsa üstünlik gazanjakdygyna we durmuş gurjakdygyna ynanypdyr. Şol mahallar gül çemenini tutmak üçin diňe zenanlar hatara düzülipdirler.



Häzirki wagtda medeni däpleriň birine öwrülen gül çemenini tutmak bäsleşigine oglan-gyzlar bilelikde gatnaşýarlar. Köp ýurtda gül çemenini oklamak däbi ýaş çatynjalaryň täze bir durmuş ýoluna gadam basýandygyny aňladýar. Käbir ýurtda bolsa gül dessesini oklamak toý tutýanlaryň myhmanlar bilen şatlygyny paýlaşýandygyny alamatlandyrýar. Käbir ýerde bolsa toý tutýan ýaşlar toý etmek gezegini beýlekilere berýäris diýip düşünýärler.

Toýda gül çemeniniň haýsy güllerden boglandygyna hem uly üns berilýär. Sebäbi bägül, çigildem ýa-da garyşyk goýlan ownujak gülleriň her haýsynyň öz manysy bar. Mysal üçin, köpler iň bagtly gününde bägüllerden boglan dessäni söwer ýaryna berip, durmuşynyň hem bägül ýaly owadan hem ajaýyp bolmagyny arzuw edýär. Dünýäniň käbir ýurdunda ýaşlar gül çemeniniň ornuna ýumşak oýnawaçlary ýa-da gurjak oklaýarlar. Bu olaryň köp çagaly bolup, köpçülige goşulyşyp gitmegini alamatlandyrýar. Gül oklamak däbi ABŞ, Kanada, Angliýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa ýaly ýurtlarda has giňden ýaýran toý däp-dessurlarynyň biridir. Bu ýurtlarda gül tutmak dabarasyna diňe gelniň joralary gatnaşýarlar.

## ÇAGALAR

**Uzynlygy 270 santimetre, agramy 100 kilograma çenli ýetýän ýelken balygy sagatda 110 kilometr tizlik bilen ýüzüp bilýär.**



# Gurbaga we syçan

*(Tymsal)*

Bir ýola gurbaganyň öz ýaşaýan kölüniň gyrasynda gezim edip ýören syçana gözi düşýär. Syçan hem gurbaga seredýär. Şeýlelikde, olar bir-birini gowy görüp, dost bolýarlar. Ýöne olaryň biri gury ýerde ýaşapdyr, beýlekisem suwda. Olar wagtlaryny köplenç bilelikde geçiripdirler: syçan gury ýerden gurbagany çagyrypdyr, gurbaga hem syçana tarap ýüzüp baryp, begenjine warryklapdyr. Emma bu dostlukdan syçanyň göwni suw içmändir. Ol hemişe gurbaga bilen bile bolmak, onuň näme bilen meşgul bolýandygyny bilmek isläpdir. Çünki syçan çagyran wagty gurbaga kölüň uzak ýerinde bolany üçin syçanyň sesini hem eşitmändir. Syçan gurbagany gözlemek üçin suwa girip, ýüzüp bilmändir. Şonuň üçin bir gezek şeýle teklip edipdir:

– Gel, uzyn ýüp tapaly-da, bir-birimiziň aýagymyza daňaly. Şeýtsek, biz islendik wagt bir-birimizden habarly bolarys.

Bu pikir gurbagany geň galdyrypdyr. Gurbaga munuň gowulyk bilen gutarmajagyny syzypdyr, ýöne syçan bilen ylalaşypdyr. Başda ähli zat ugruna bolupdyr. Ýöne bir gezek ýokardan uçup barýan ala garga kölüň gyrasyndaky syçany görüp, dikaşaklygyna gaýdyp, syçany penjesi bilen garbap alyp, ýokary göterilipdir. Syçan bilen bilelikde, ýüpe daňlan gurbaga-da asmana göterilipdir. Bu ahwalaty synlan halaýyk, guşlaram gurbaga awlap başlandyr öýdüp, geň galypdyr. Dik asmana galan gurbaga pikirlenmän, özüni syçana baglamaga razylyk berendigi üçin juda perişan bolupdyr.

Bu tymsalda özüňe mynasyp dost saýlamalydygy öňe sürülýär.



# ÇAGALARYŇ gyzykly güýmenjesi



Çözmekde we düzmekde ussatlygy talap edýän pazzl zehiniňi kämilleşdirmekde iň gowy oýlap tapyşlaryň biridir. Güýmenje we akyl maşkynyň bir görnüşi bolan pazzl ýady gowulaşdyrmak bilen bir hatarda, meseleleri çalt çözmek hem-de düýpli pikirlenmek ukybyny ösdürýär. Beýnini işjeňleşdirýän bu güýmenje stresi peseldip, ünsüňi bir ýere jemlemäge kömek edýär. Pazzl düzmek çagalar we ýaşuly adamlar üçin has wajypdyr. Geçirilen barlaglara görä, kiçilikden pazzl söküp-düzýän çagalar mekdepde has işjeň bolýarlar, şeýle hem öwredilýän bilimleri çalt özleşdirýärler. Pazzl bilen meşgullanýan çagalar ugurtapyjy bolup, islendik ýagdaýdan aňsatlyk bilen baş alyp çykýarlar. Her gün 10-15 minut pazzl düzmek ýadyň gowşamagynyň öňüni almak bilen bir hatarda, sagdyn ösmäge ýardam edýär.

Köpler pazzl diýlende birnäçe böleklere bölünen, sökülip-düzülýän şekilli kartony göz öňüne getirýärler. Aslynda, pazzlyň birnäçe görnüşi bar.

| Jigsaw pazzl. | Söz tapmaçalary. | San tapmaçalary. | Logiki pazzl. | Mehaniki pazzl. |
|---|---|---|---|---|
| Pazzlyň söküp-düzülýän bu görnüşinde birnäçe bölejikleri ýerli-ýerinde tertipläp goýanyňda suratly şekil emele gelýär. | Pazzlyň bu görnüşine krossword, söz tapmak we söz goýmak ýaly gyzykly güýmenjeler girýär. | Bu görnüşe sudoku degişli bolup, öýjüklere 1-den 9-a çenli sanlar keseligine we dikligine gabat gelmeýän görnüşde ýerleşdirilýär. | Jogabyny tapmakda we tapmaçany çözmekde çuňňur pikirlenmegi talap edýän meseleler. | Rubigiň kubigi diýlip atlandyrylýan köpgyranly oýnawaç dünýäde iň köp gyzyklanylýan güýmenje hasaplanýar. |

### TARYHY

Ilkinji pazzl 1766-njy ýylda Jon Spilsburi tarapyndan çagalara geografiýany öwretmek maksady bilen oýlanyp tapylýar. «Bölünen karta» diýlip atlandyrylan bu pazzl ýurtlary serhetlerine görä bölüp, tagta ýelmemek arkaly ýasalypdyr. Okuwçylar geografiýa sapagynda kartanyň aýrylan böleklerini tapmak we ýelmemek arkaly bilimlerini kämilleşdiripdirler. Spilsburiň oýlap tapan bölünýän kartasy esasynda XIX asyryň ahyrynda «jigsaw pazzl» ady bilen täze bir oýun görnüşi ýüze çykýar. Jigsaw pazzlda indi karta däl-de, janly-jandarlaryň, şeýle hem multfilm gahrymanlarynyň dürli şekilleri ýerleşdirilýär. Jigsaw pazzl häzirki wagtda hem güýmenje oýunlarynyň iň meşhur görnüşi hasaplanýar.

Ilkibaşda agaç böleklerinden ýasalan pazzl oýnawaçlary 1930-njy ýyllardan başlap arzan hem-de hemmelere elýeterli etmek maksady bilen ýüzi ýalpyldawuk kartondan ýasalyp başlanýar. Pazzl oýnawaçlaryny öndürmekde Germaniýanyň «Ravensburger» kompaniýasy, ABŞ-nyň «Buffalo Games» hem-de «Melissa & Doug» ýaly kompaniýalary öňdeligi eýeleýär. Dünýäde her ýyl 2 milliarda golaý pazzl oýnawaçlary satylýar.



# Haýsy balyk çalt ýüzýär?!

**Balyklar howpdan goranmak ýa-da awuny tutmak üçin örän çalt ýüzýärler. Deňiz jandarlarynyň tizligini ölçemek aňsat däl. Muňa garamazdan, ihtiologlar balyklaryň ortaça tizligini nazarda tutup, ýelken balygyny iň çalt ýüzýän balyk hasaplaýarlar.**

**Ýelken balygynyň tizligi sagatda 110 kilometre ýetýär. Atlantik, Hindi we Ýuwaş ummanlarynda mesgen tutan bu balyklar 13 ýyl ýaşaýar. Ýelken balygynyň uzynlygy ortaça 270 santimetre, agramy 100 kilograma çenli ýetýär. Ýelken balygynyň arkasynda ýelkene meňzeş uly ýüzgüji, şeýle hem döşünde ele meňzeş iki sany uzyn ýüzgüji bar. Bu ýüzgüçler uzyn çüňkli balygyň has çalt ýüzmegine ýardam edýär. Ýyrtyjy balyklaryň bir görnüşi bolan ýelken balygy topar bolup aw edýärler. Göçüp-gonup ýören bu balyklar, esasan, ownuk deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler.**

### 7 tapawudy tapyň!





### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Labirint



### Gyzykly pursat






# Saýlama tapgyryň nobatdaky duşuşyklary

2027-nji ýylda Saud Arabystanynda geçiriljek 19-njy AFK Aziýa Kubogy ýaryşynyň 3-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary dowam edýär. Toparçalardaky 3-nji duşuşyklara badalga berlip, «D» toparçada çykyş edýän Türkmenistanyň milli ýygyndysy nobatdaky oýnuny myhmançylykda Şri Lankanyň ýygyndysy bilen geçirdi. Ýurduň Kolombo şäherinde geçirilen oýunda ýer eýeleri iň kiçi hasap bilen üstün çykdy. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 67-nji minutda Perera geçirdi.

Şeýle-de Türkmenistanyň milli ýygyndysy 4-nji duşuşygyny hem Şri Lankanyň milli ýygyndysy bilen geçirer. Bu duşuşyk 14-nji oktýabrda, ýagny sişenbe güni Arkadag şäherindäki «Arkadag» stadionynda oýnalar. Duşuşyk 18:45-de başlap, oýna Koreýa Respublikasyndan Kim Ýu-Jeon eminlik eder.

Ildeşlerimiz 1-nji oýunda myhmançylykda Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysyny 2-1, 2-nji oýunda ýurdumyzda Tailandyň milli toparyny 3-1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar edipdi.

Geçirilen 3 duşuşykdan soň Türkmenistanyň milli ýygyndysy 6 utuk toplamagy başardy.

# Müsüriň ýygyndysy 4-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar

FIFA Dünýä Kubogy 2026-a gatnaşjak ýene bir ýygyndy belli boldy. Saýlama tapgyryň Afrika zolagy boýunça «A» toparçada çykyş edýän Müsüriň ýygyndysy myhmançylykda Jibutiniň ýygyndysyndan 3-0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda müsürlileriň gollaryny Ibrahim Adel (8) bilen Mohamed Salah (14, 84) derwezä girizdi. Şunlukda, toparçalardaky duşuşyklaryň tamamlanmagyna 1 oýun galanda, Müsüriň ýygyndysy utugyny 23-e çykardy we Dünýä Kubogyna wekilçilik etmäge hukuk gazandy. Dünýä Kubogyna 4-nji gezek gatnaşjak Müsüriň ýygyndysy mundan öň 1934-nji, 1990-njy hem-de 2018-nji ýyllarda futbolyň iň uly baýramçylygynda çykyş edipdiler. Müsüriň ýygyndysy 9+1 topar ugratjak Afrikadan wekilçilik edýän 3-nji topar bolup, ondan öň Marokkonyň hem-de Tunisiň ýygyndylary Dünýä Kubogyna ýollanma alypdylar. Öňümizdäki 4-5 günüň dowamynda Afrikadan Dünýä Kubogy 2026-a gatnaşjak ýene-de 5 ýygyndy belli bolar.



# F1-de «McLaren» 10-njy, Moto GP-de «Ducati Lenovo» 4-nji çempionlygyny gazandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 18-nji ýaryşy Singapurda geçirildi. Ýurduň Marina Bay aýlagynda guralan ýaryşda 62 aýlawy 1 sagat 40 minut 22,367 sekuntda tamamlan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýeňiji boldy. Ilkinji hatardan bat alan sürüji şu möwsümde 2-nji, karýerasy boýunça-da 5-nji ýeňşini gazandy. Rassellden 5,430 sekunt yza galan soňky çempion, «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 2-nji ýeri eýeledi. «McLaren» toparynyň sürüjileri bu gezek hem ýeňiş münberiniň iň ýokary basgançagyna çykyp bilmedi. Bassyr 3-nji ýaryşda öňdäki orny eýeläp bilmedik toparyň sürüjileri — britaniýaly Lando Norris 3-nji, awstraliýaly Oskar Piastri 4-nji ýer bilen oňňut etmeli boldular. Piastri şu möwsümde yzly-yzyna 2 ýaryşda, umumylykda 4-nji gezek münberiň daşynda galdy. «Mercedes» toparynyň italiýaly sürüjisi Kimi Antonelliniň 5-nji bolan ýaryşynda «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler 6-njy ýeri eýeledi.




Möwsümiň tamamlanmagyna 6 ýaryş galanda toparlaryň, ýagny konstruktorlaryň arasynda çempion belli boldy. 18 ýaryşda utugyny 650-ä ýetiren «McLaren» topary bassyr 2-nji, umumylykda-da 10-njy gezek F1-iň çempionlygyny gazandy. «McLaren» topary 16 çempionlygy bolan «Ferrari» toparyndan soň F1-de iň köp ýeňiş gazanan 2-nji konstruktordy. Bu ugurda «Williams» 9, «Mercedes» 8 çempionlyk bilen 3–4-nji orunlary paýlaşýar.

Häzirki wagtda ikinjilik ugrunda 3 toparyň arasynda ýiti göreş dowam edýär. «Mercedes» 325, «Ferrari» 298, «Red Bull» 290 utuk bilen 2–3–4-nji orunlary eýeleýärler.

Sürüjileriň sanawynda Oskar Piastri liderligini saklap gelýär. Onuň 336 utugy bar. Piastriniň topardaşy Lando Norris 314 utuk bilen 2-nji orunda barýar. «McLaren» toparynyň sürüjileriniň ýalňyşaryna garaşýan we soňky ýaryşlarda az-owlak tijenen Maks Werstappen 273 utuk bilen 3-nji ýeri eýeleýär.

Möwsümiň 19-njy ýaryşy 19-njy oktýabrda ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçiriler.

### Ýaş sürüjiniň ilkinji ýeňşi

Çempiony geçen tapgyrda belli bolan Moto GP ýaryşynda möwsümiň 18-nji «Gran Prisi» Indoneziýanyň Mandalika şäherinde geçirildi. 27 aýlawdan ybarat ýaryşda «BK8 Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjisi Fermin Aldeguer ýeňiş gazandy. Ol «Ducati» kysymly motoskli bilen ýaryşy 41 minut 7,651 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. «Red Bull KTM Factory» toparynyň ispan sürüjisi Pedro Akosta ýeňijiden 6,987 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. 3-nji orna ýeňijiniň watandaşy hem topardaşy Aleks Markes mynasyp boldy. Karýerasyndaky 7-nji çempionlygyny gazanan Mark Markes esasy ýaryşa ulagynda ýüze çykan näsazlyk sebäpli gatnaşyp bilmedi.

Esasy bäsleşikden 1 gün öň geçirilen sprint ýaryşynda «Aprilia» toparynyň italýan sürüjisi Marko Bezzekki 1-nji, Fermin Aldeguer 2-nji, «Trackhouse MotoGP» toparyndan «Aprilia» kysymly motosikli bilen ispaniýaly Raul Fernandes 3-nji orny eýeledi.




Toparlaryň arasynda çempion Mark Markesiň çykyş edýän «Ducati Lenovo» topary 850 utuk toplap, bassyr 2-nji, soňky 5 ýylda 4-nji çempionlygyny gazandy.

Moto GP-de möwsümiň 19-njy ýaryşy Awstraliýanyň Melburn şäherindäki Filip adasynda geçiriler.





# Tennis täzelikleri

**Hytaýyň paýtagty Pekinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Hytaý Açyk» tennis ýaryşynda amerikaly Amanda Anisimowa ýeňiji boldy. Ol finalda çehiýaly Linda Noskowany 3 setde 2:1 (6:0, 2:6, 6:2) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň karýerasyndaky 4-nji WTA çempionlygydyr.**

**«Hytaý Açyk» tennis ýaryşynda erkekleriň arasynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiş gazandy. Ol finalda amerikaly Lörner Tinden 6:2-lik hasaplar bilen 2 setde üstün çykmagy başardy. «Hytaý Açykda» bassyr 3-nji gezek finalda oýnan Sinner 2023-nji ýyldan soň 2-nji çempionlygyny gazandy. Ol geçen ýyl Alkarasdan asgyn gelipdi. 24 ýaşyndaky Sinner karýerasyndaky 21-nji kubogyny asmana göterdi.**

**Ýaponiýanyň paýtagty Tokioda geçirilen erkekleriň arasyndaky «Ýaponiýa Açyk» tennis ýaryşynda ispaniýaly Karlos Alkaras çempionlyk gazandy. Ol hem finalda amerikaly tennisçi bilen duşuşyp, Teýlor Fritsi 2 setde 6:4-lik hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu ýeňiş sanawyň 1-nji belgili tennisçisiniň ATP ýaryşlaryndaky 24-nji çempionlygydyr.**




**Hepdäniň esasy duşuşyklary**

**10-njy oktýabr (anna)**

Koreýa Resp. – Braziliýa (16:00)
Russiýa – Eýran (22:00)
Belgiýa – D. Makedoniýa (23:45)
Fransiýa – Azerbaýjan (23:45)

**11-nji oktýabr (şenbe)**

Argentina – Wenesuela (05:00)
Estoniýa – Italiýa (23:45)
Bolgariýa – Türkiýe (23:45)
Portugaliýa – Irlandiýa (23:45)
Ispaniýa – Gruziýa (23:45)

**12-nji oktýabr (ýekşenbe)**

Niderlandlar – Finlýandiýa (21:00)
Daniýa – Gresiýa (23:45)

**13-nji oktýabr (duşenbe)**

Özbegistan – Urugwaý (17:15)
Uels – Belgiýa (23:45)
D. Irlandiýa – Germaniýa (23:45)
Islandiýa – Fransiýa (23:45)

**14-nji oktýabr (sişenbe)**

Ýaponiýa – Braziliýa (15:30)
Türkmenistan – Şri Lanka (18:45)
Italiýa – Ysraýyl (23:45)
Portugaliýa – Wengriýa (23:45)
Ispaniýa – Bolgariýa (23:45)

# Angliýanyň hem-de Ispaniýanyň çempionatlarynda ýeňlişsiz topar galmady

**Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda ýeňlişsiz toparlaryň sany her tapgyrda azalýar. «Premier Ligada», «La Ligada», «Ligue 1»-de ýeňlişsiz topar galmady. «Serie A»-da «Ýuwentus» bilen «Atalanta», «Bundesligada» «Bawariýa» bilen «Borussiýa Dortmund», Russiýanyň «Premýer Ligasynda» «Lokomotiw», Türkiýäniň «Süper Liginde» «Galatasaraý», «Göztepe», «Fenerbahçe», Portugaliýanyň «Premeira Ligasynda» «Porto» bilen «Benfika», Niderlandlaryň «Eredivisie»-sinde «Feýenoord» bilen «Aýaks» häzirlikçe ýeňlişsiz ýoluny dowam edýär.**

Angliýanyň çempionatynda häzirki çempion «Liwerpul» myhmançylykda «Çelsi» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda «Çelsi» Kaisedonyň 14-nji minutdaky owadan goly bilen öňe saýlandy. Oňa 67-nji minutda Gakpo jogap berdi. 90+6-njy minutda-da Estewao



londonlylara ýeňiş getirdi. «Liwerpul» çempionatda 2-nji, umumylykda-da bassyr 3-nji duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. Demirgazyk London derbisinde «Arsenal» öz meýdançasynda «West Hamy» Raýs hem-de Sakanyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi we 1-nji orna beýgeldi. Erling Holannyň ýeke-täk goly bilen myhmançylykda «Brentfordy» ýeňen «Mançester Sitiniň» tälimçisi çempionatdaky 250-nji ýeňşini gazandy. Ol APL-de bu görkezijä iň çalt ýeten tälimçi bolup, ispaniýaly hünärmene munuň üçin 349 oýun gerek boldy. Umumylykda 19 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Kristal Palas» myhmançylykda «Ewertondan» Grilişiň 90+3-nji minutdaky goly bilen utuldy.

Italiýanyň çempionatynda-da lider çalşyp, «Milanyň» myhmançylykda «Ýuwentus» bilen golsuz deňme-deň oýnamagyndan soň «Napoli» ýene-de 1-nji basgançaga beýgeldi. Turindäki oýunda «milanlylara» öňe geçmäge mümkinçilik bolsa-da, Pulişiçiň 53-nji minutda ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy derwezäniň üstünden geçdi. Soňky çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Jenoany» kabul edip, garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, Zambo-Angissanyň hem-de Hýoýlunnyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Roma» hem edil şeýle hasap bilen myhmançylykda «Fiorentinany» ýeňmegi başardy. Duşuşykda Moýza Keniň goly bilen öňe geçen «Fiorentinanyň» torundan ýeňiş gollaryny Sule bilen Kristante geçirdi. «Inter» toparyna öz meýdançasynda «Kremonezeni» ýeňmek kyn düşmedi (4–1). Şu möwsümde ilkinji gezek utulan «Kremonezeniň» derwezesini Lautara Martines, Bonni, Dimarko hem-de Barella dagy sarsdyrmagy başardy. Öz meýdançasynda «Komony» kabul edip, 1–1 deňme-deň oýnan «Atalanta» topary «Ýuwentus» bilen bilelikde ýeňlişsiz barýan 2 klubuň biridir. 6 goluň geçirilen oýnunda myhmançylykda «Lasio» bilen duşuşan «Torino» topary 90+2-nji minutda Kokonyň goly esasynda öňe geçse-de, 90+13-nji minutda ýeňşi elden giderdi. «Lasio» toparyny ýeňlişden halas eden goly 11 metrlik jerime urgusyndan Kataldi geçirdi.








### «Barselonany» 10 ýyldan soň ýeňdi

Ispaniýanyň çempionatynda «Real Madrid» 1 hepdelik arakesmeden soň ýene-de liderlige gaýdyp geldi. Öz meýdançasynda «Wilýarrealy» Winisius Junioryň (47, 69 p) hem-de Kilian Mbappeniň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňen «Real Madrid» topary 1-nji orna beýgeldi. 8-nji tapgyra liderlikde başlan «Barselona» myhmançylykda «Sewilýadan» 4–1 hasabynda asgyn geldi. Aleksis Sançesiň 13-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen öňe saýlanan andalusiýalylar 36-njy minutda Romeronyň goly esasynda hasaby 2-ä çykardylar. 1-nji ýarymyň ahyrynda Reşfordyň goly bilen aratapawudy 1 gola düşüren katalonlara 76-njy minutda hasaby deňlemäge mümkinçilik boldy. Ýöne Lewandowskiniň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy sowa geçdi. Oýnuň 90-njy minutynda Karmona, 90+6-njy minutynda-da Adams tapawutlanyp, «Sewilýa» güýçli garşydaşyny 10 ýyldan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar etdi. Bu «Barselonanyň» şu möwsümdäki ilkinji ýeňlişidir. Myhmançylykda «Selta» bilen duşuşan «Atletiko Madrid» şu möwsümde 4-nji gezek deňme-deň oýnady. Madridlileriň fransuz goragçysy Lengle 40-njy minutda gyzyl kart aldy. «Alawesden» 3–1 hasabynda asgyn gelen «Elçe» şu möwsümde ilkinji gezek utuldy. 8-nji tapgyrdan soň, «La Ligada» ýeňlişsiz topar galmady.



### Mbappeleriň kiçisi

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Lill» bilen duşuşdy. Nunu Mendeşiň 66-njy minutda geçiren goluna ýer eýeleri Etan Mbappeniň 85-nji minutdaky goly bilen jogap berdi. Kilian Mbappeniň inisi Etan Mbappe 2 möwsüm öň PSŽ-niň köýnekçesini geýipdi. Kilian Mbappe hem duşuşyga tribunada tomaşa edip, inisiniň goluny ör turup alkyşlady. «Marsel» myhmançylykda «Metsiň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. «Lion» öz meýdançasynda «Tuluza» bilen duşuşyp, Fofananyň 24-nji minutdaky goly bilen öňe geçdi. «Tuluza» topary 71-nji minutda oýna giren Emersonnyň soňky 7 minutda geçiren gollary bilen ýeňşini baýram etdi. «Monako» bilen «Nissanyň» arasyndaky oýunda myhmanlar Diopyň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne soňky oýunlarda özüni görkezýän Ansu Fati 45+5-nji we 56-njy minutlarda eminiň bellän 11 metrlik jerime urgularyny dürs urup, hasaby deňledi.



Germaniýanyň çempionatynda durzup bolmaýan «Bawariýa» topary myhmançylykda «Aýntrahtdan» 3–0 hasabynda üstün çykdy. Gollary 16-njy sekuntda hem-de 84-nji minutda Luiz Diaz bilen 27-nji minutda Harri Keýn geçirdi. Keýn «Bundesligada» başdaky 6 oýunda 11 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Çempionatyň ýeňlişsiz 2-nji topary «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Leipsig» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 7-nji minutda Baumgartneriň goly bilen öňe geçen myhmanlara ýer eýeleri 23-nji minutda Koutonyň goly esasynda jogap berdi.

### Moskwa derbilerinde 13 gol geçirildi

Russiýanyň çempionatynda 2 Moskwa derbisi geçirilip, 2 oýunda 13 gol hasaba alyndy. Öz meýdançasynda «Spartagy» kabul eden SSKA ilkinji 18 minutda Glebowyň, Oblýakowyň, Krugowoýyň gollary bilen 3–0 hasabynda öňe saýlandy. Şol gollaryň 2-siniň öwezini dolan «Spartagyň» bu tagallasy ýeňşe ýetmedi. 8 goluň geçirilen oýnunda «Dinamo» öz meýdançasynda «Lokomotiwden» 5–3 hasabynda asgyn geldi. Çempion «Krasnodar» öz meýdançasynda «Ahmat» toparyndan Kordobanyň hem-de Diego Kostanyň gollary bilen 2–0 hasabynda üstün çykdy. Myhmançylykda «Akron» bilen duşuşan «Zenit» meýdançany 1 utuk bilen terk etmeli boldy. Oýnuň ahyrynda sankt-peterburglylaryň öňki futbolçysy Dzýuba «Zeniti» gynandyryp bilerdi. Onuň 90+5-nji minutda ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy sowa geçdi.




**PREMIER LEAGUE (7) — 25 gol**

**Bornmut—Fulham: 3–1** (Semenýo 78, 90+6, Kluiwert 84 — Sessenion 70), **Lids—Tottenham: 1–2** (Okafor 34 — Tel 23, Kudus 57), **Arsenal—West Ham: 2–0** (Raýs 38, Saka 67 p), **M. Ýunaýted—Sanderland: 2–0** (Maunt 8, Şeşko 31), **Çelsi—Liwerpul: 2–1** (Kaisedo 14, Estewao 90+6 — Gakpo 63), **Aston Willa—Börnli: 2–1** (Malen 25, 63 — Ugoçukwu 78), **Wulwerhempton—Braýton: 1–1** (Werbrýuggen 21 ö.d. — Wan Hekke 86), **Nýukasl—N. Forest: 2–0** (Gimaraýns 58, Woltemade 84 p), **Ewerton—K. Palas: 2–1** (Ndiaý 76 p, Griliş 90+3 — Munios 37), **Brentford —Man. Siti: 0–1** (Holann 9)

**LA LIGA (8) — 30 gol**

**Osasuna—Hetafe: 2–1** (Bretones 45+3, Katena 90 – Maýoral 23), **Owiedo—Lewante: 0–2** (Alwares 30, Eýong 72), **Žirona—Walensiýa: 2–1** (Wanat 18, Martines 63 — Diego Lopes 57), **Atletik—Malýorka: 2–1** (Iniaki Williams 9 p, Rego 82 — Samu Koşta 77), **Real Madrid—Wilýarreal: 3–1** (Winisius 47, 69 p, Mbappe 81 — Mikautadze 73), **Alawes—Elçe: 3–1** (Wisente 76 p, Martines 81, Boýe 90+5 — Andre Silwa 90+3), **Sewilýa—Barselona: 4–1** (Sançes 13 p, Romero 36, Karmona 90, Adams 90+6 — Reşford 45+7), **R. Sosiedad—R. Wallekano: 0–1** (Espino 84), **Espanýol—Betis: 1–2** (Losano 15 — Kuço Hernandes 54, Ezzalzuli 63), **Selta—Atletiko: 1–1** (Ýago Aspas 68 — Starfelt 6 ö.d.)

**SERIE A (6) — 27 gol**

**Werona—Sassuolo: 0–1** (Pinamonti 71), **Lasio—Torino: 3–3** (Kançelieri 24, 40, Kataldi 90+13 p — Simeone 16, Adams 73, Koko 90+2), **Parma – Leçþe: 0–1** (Sottil 38), **Inter—Kremoneze: 4–1** (L. Martines 6, Bonni 38, Dimarko 55, Barella 57 — Bonazzoli 87), **Atalanta—Komo: 1–1** (Samaržiç 6 — Perrone 19), **Udineze—Kaliari: 1–1** (Kabasale 58 — Borrelli 25), **Bolonýa—Piza: 4–0** (Kambiagi 24, Moro 38, Orsolini 40, Odgor 53), **Fiorentina—Roma: 1–2** (Ken 14 — Sule 22, Kristante 30), **Napoli—Jenoa: 2–1** (Zambo-Angissa 57, Hýoýlunn 75 — Ehator 34), **Ýuwentus—Milan: 0–0**

**BUNDESLIGA (6) — 18 gol**

**Hoffenhaým—Köln: 0–1** (El Mala 16), **Werder—Sankt-Pauli: 1–0** (Mbangula 2), **Borussiýa D—Leipsig: 1–1** (Kouto 23 – Baumgartner 7), **Baýer—Union Berlin: 2–0** (Poku 33, Kofane 49), **Augsburg—Wolfsburg: 3–1** (Benks 3, Kömür 51, Fellhauer 63 — Dagim 65), **Aýntraht—Bawariýa: 0–3** (Diaz 1, 84, Keýn 27), **Ştutgart—Haýdenhaým: 1–0** (El-Hannus 65), **Hamburg—Maýns: 4–0** (Sambi Lokonga 6, Filipp 10, 61, Dompe 52), **Borussiýa M—Fraýburg: 0–0**

**LIGUE 1 (7) — 26 gol**

**Pariž—Loriýan: 2–0** (Kebbal 25, Krasso 30), **Mets—Marsel: 0–3** (Paişao 51, O'Raýli 69, Guiri 76), **Brest—Nant: 0–0, Oser—Lans: 1–2** (Sierralta 61 — Eduar 14, Sima 90+6), **Lion—Tuluza: 1–2** (Fofana 24 — Emersonn 89, 90+6), **Strasbur—Anže: 5–0** (Paniçelli 36, 51, Uattara 61, Godo 66, 70), **Monako—Nissa: 2–2** (Fati 45+5 p, 56 p — Diop 29, 42 p), **Le Hawr—Renn: 2–2** (Sumare 45+1 p, Ndiaý 79 — Embolo 10, Lepol 29), **Lill—PSŽ: 1–1** (Etan Mbappe 85 — Nunu Mendeş 66)

**PREMÝER LIGA (11) — 25 gol**

**Akron—Zenit: 1–1** (Duglas Sanstos 36 ö.d. — Pedro 11), **Rubin—Krylýa Sowetow: 2–0** (Arroýa 19, Hodža 46), **Krasnodar—Ahmat: 2–0** (Kordoba 15, Diego Kosta 31), **Dinamo—Lokomotiw: 3–5** (Sergeýew 25, Bitello 27, Osipenko 85 p — Prusew 1, Batrakow 43 p, Komliçenko 68, Worobýow 81, Rudenko 90+5), **Orenburg—Rostow: 0–1** (Suleýmanow 84), **Soçi—Pari NN: 2–1** (Ilin 35, Saawedra 55 — Boselli 48), **SSKA—Spartak: 3–2** (Glebow 5, Oblýakow 12 p, Krugowoý 18 — Fernandeş 21, Garsiýa 57), **Baltika—Dinamo-Mahaçkala: 2–0** (Hil 41 p, Offor 90+1)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 7 | 5 | 1 | 1 | 14-3 | 16 |
| 2 | LIWERPUL | 7 | 5 | 0 | 2 | 13-9 | 15 |
| 3 | TOTTENHAM | 7 | 4 | 2 | 1 | 13-5 | 14 |
| 4 | BORNMUT | 7 | 4 | 2 | 1 | 11-8 | 14 |
| 5 | MAN. SITI | 7 | 4 | 1 | 2 | 15-6 | 13 |
| 6 | KRISTAL PALAS | 7 | 3 | 3 | 1 | 9-5 | 12 |
| 7 | ÇELSI | 7 | 3 | 2 | 2 | 13-9 | 11 |
| 8 | EWERTON | 7 | 3 | 2 | 2 | 9-7 | 11 |
| 9 | SANDERLAND | 7 | 3 | 2 | 2 | 7-6 | 11 |
| 10 | M. ÝUNAÝTED | 7 | 3 | 1 | 3 | 9-11 | 10 |
| 11 | NÝUKASL | 7 | 2 | 3 | 2 | 6-5 | 9 |
| 12 | BRAÝTON | 7 | 2 | 3 | 2 | 10-10 | 9 |
| 13 | ASTON WILLA | 7 | 2 | 3 | 2 | 6-7 | 9 |
| 14 | FULHAM | 7 | 2 | 2 | 3 | 8-11 | 8 |
| 15 | LIDS | 7 | 2 | 2 | 3 | 7-11 | 8 |
| 16 | BRENTFORD | 7 | 2 | 1 | 4 | 9-12 | 7 |
| 17 | N. FOREST | 7 | 1 | 2 | 4 | 5-12 | 5 |
| 18 | BÖRNLI | 7 | 1 | 1 | 5 | 7-15 | 4 |
| 19 | WEST HAM | 7 | 1 | 1 | 5 | 6-16 | 4 |
| 20 | W. HEMPTON | 7 | 0 | 2 | 5 | 5-14 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 9 |
| 2 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |
| 3 | Igor TIAGO (Brentford) | 4 |
| 4 | Jeýdon ANTONI (Börnli) | 4 |
| 5 | Ismaila SARR (Kristal Palas) | 3 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 8 | 7 | 0 | 1 | 19-9 | 21 |
| 2 | BARSELONA | 8 | 6 | 1 | 1 | 22-9 | 19 |
| 3 | WILÝARREAL | 8 | 5 | 1 | 2 | 14-8 | 16 |
| 4 | BETIS | 8 | 4 | 3 | 1 | 13-8 | 15 |
| 5 | ATLETIKO M | 8 | 3 | 4 | 1 | 15-10 | 13 |
| 6 | SEWILÝA | 8 | 4 | 1 | 3 | 15-11 | 13 |
| 7 | ELÇE | 8 | 3 | 4 | 1 | 11-9 | 13 |
| 8 | ATLETIK B | 8 | 4 | 1 | 3 | 9-9 | 13 |
| 9 | ESPANÝOL | 8 | 3 | 3 | 2 | 11-11 | 12 |
| 10 | ALAWES | 8 | 3 | 2 | 3 | 9-8 | 11 |
| 11 | HETAFE | 8 | 3 | 2 | 3 | 9-11 | 11 |
| 12 | OSASUNA | 8 | 3 | 1 | 4 | 7-8 | 10 |
| 13 | LEWANTE | 8 | 2 | 2 | 4 | 13-14 | 8 |
| 14 | R. WALLEKANO | 8 | 2 | 2 | 4 | 8-10 | 8 |
| 15 | WALENSIÝA | 8 | 2 | 2 | 4 | 10-14 | 8 |
| 16 | SELTA | 8 | 0 | 6 | 2 | 7-10 | 6 |
| 17 | OWIEDO | 8 | 2 | 0 | 6 | 4-14 | 6 |
| 18 | ŽIRONA | 8 | 1 | 3 | 4 | 5-17 | 6 |
| 19 | R. SOSIEDAD | 8 | 1 | 2 | 5 | 7-12 | 5 |
| 20 | MALÝORKA | 8 | 1 | 2 | 5 | 7-13 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 9 |
| 2 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 6 |
| 3 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 5 |
| 4 | Etta EÝONG (Lewante) | 5 |
| 5 | Andre SILWA (Elçe) | 4 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 6 | 5 | 0 | 1 | 12-6 | 15 |
| 2 | ROMA | 6 | 5 | 0 | 1 | 7-2 | 15 |
| 3 | MILAN | 6 | 4 | 1 | 1 | 9-3 | 13 |
| 4 | ÝUWENTUS | 6 | 3 | 3 | 0 | 9-5 | 12 |
| 5 | INTER | 6 | 4 | 0 | 2 | 17-8 | 12 |
| 6 | ATALANTA | 6 | 2 | 4 | 0 | 11-5 | 10 |
| 7 | BOLONÝA | 6 | 3 | 1 | 2 | 9-5 | 10 |
| 8 | KOMO | 6 | 2 | 3 | 1 | 7-5 | 9 |
| 9 | SASSUOLO | 6 | 3 | 0 | 3 | 8--8 | 9 |
| 10 | KREMONEZE | 6 | 2 | 3 | 1 | 7-8 | 9 |
| 11 | KALIARI | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-6 | 8 |
| 12 | UDINEZE | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-9 | 8 |
| 13 | LASIO | 6 | 2 | 1 | 3 | 10-7 | 7 |
| 14 | PARMA | 6 | 1 | 2 | 3 | 3-7 | 5 |
| 15 | LEÇÇE | 6 | 1 | 2 | 3 | 5-10 | 5 |
| 16 | TORINO | 6 | 1 | 2 | 3 | 5-13 | 5 |
| 17 | FIORENTINA | 6 | 0 | 3 | 3 | 4-8 | 3 |
| 18 | WERONA | 6 | 0 | 3 | 3 | 2-9 | 3 |
| 19 | JENOA | 6 | 0 | 2 | 4 | 3-9 | 2 |
| 20 | PISA | 6 | 0 | 2 | 4 | 3-10 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 4 |
| 2 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 4 |
| 3 | Kewin DE BRUÝNE (Napoli) | 3 |
| 4 | Niko PAS (Komo) | 3 |
| 5 | Markus TURAM (Inter) | 3 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 25-3 | 18 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 6 | 4 | 2 | 0 | 12-4 | 14 |
| 3 | LEIPSIG | 6 | 4 | 1 | 1 | 8-8 | 13 |
| 4 | ŞTUTGART | 6 | 4 | 0 | 2 | 8-6 | 12 |
| 5 | BAÝER | 6 | 3 | 2 | 1 | 12-8 | 11 |
| 6 | KÖLN | 6 | 3 | 1 | 2 | 11-9 | 10 |
| 7 | AÝNTRAHT | 6 | 3 | 0 | 3 | 17-16 | 9 |
| 8 | FRAÝBURG | 6 | 2 | 2 | 2 | 9-9 | 8 |
| 9 | HAMBURG | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-8 | 8 |
| 10 | SANKT-PAULI | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-9 | 7 |
| 11 | HOFFENHAÝM | 6 | 2 | 1 | 3 | 9-12 | 7 |
| 12 | WERDER | 6 | 2 | 1 | 3 | 9-14 | 7 |
| 13 | UNION BERLIN | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-13 | 7 |
| 14 | AUGSBURG | 6 | 2 | 0 | 4 | 11-13 | 6 |
| 15 | WOLFSBURG | 6 | 1 | 2 | 3 | 8-10 | 5 |
| 16 | MAÝNS | 6 | 1 | 1 | 4 | 5-10 | 4 |
| 17 | BORUSSIÝA M | 6 | 0 | 3 | 3 | 5-12 | 3 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 6 | 1 | 0 | 5 | 4-11 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 11 |
| 2 | Jan UZUN (Aýntraht) | 5 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 5 |
| 4 | Fisnik ASSLANI (Hoffenhaým) | 4 |
| 5 | Ilias ANSA (Union Berlin) | 4 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 7 | 5 | 1 | 1 | 13-5 | 16 |
| 2 | MARSEL | 7 | 5 | 0 | 2 | 15-5 | 15 |
| 3 | STRASBUR | 7 | 5 | 0 | 2 | 14-7 | 15 |
| 4 | LION | 7 | 5 | 0 | 2 | 9-5 | 15 |
| 5 | MONAKO | 7 | 4 | 1 | 2 | 16-12 | 13 |
| 6 | LANS | 7 | 4 | 1 | 2 | 10-6 | 13 |
| 7 | LILL | 7 | 3 | 2 | 2 | 14-10 | 11 |
| 8 | PARIŽ | 7 | 3 | 1 | 3 | 12-13 | 10 |
| 9 | TULUZA | 7 | 3 | 1 | 3 | 11-12 | 10 |
| 10 | RENN | 7 | 2 | 4 | 1 | 9-10 | 10 |
| 11 | BREST | 7 | 2 | 2 | 3 | 11-11 | 8 |
| 12 | NISSA | 7 | 2 | 2 | 3 | 9-12 | 8 |
| 13 | LORIÝAN | 7 | 2 | 1 | 4 | 9-16 | 7 |
| 14 | LE HAWR | 7 | 1 | 3 | 3 | 8-10 | 6 |
| 15 | NANT | 7 | 1 | 3 | 3 | 5-7 | 6 |
| 16 | OSER | 7 | 2 | 0 | 5 | 5-10 | 6 |
| 17 | ANŽE | 7 | 1 | 2 | 4 | 3-11 | 5 |
| 18 | METS | 7 | 0 | 2 | 5 | 5-16 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 5 |
| 2 | Ansu FATI (Monako) | 5 |
| 3 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 4 |
| 4 | Esteban LEPOL (Renn) | 4 |
| 5 | Issa SUMARE (Le Hawr) | 3 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SSKA | 11 | 7 | 3 | 1 | 22-10 | 24 |
| 2 | LOKOMOTIW | 11 | 6 | 5 | 0 | 26-16 | 23 |
| 3 | KRASNODAR | 11 | 7 | 2 | 2 | 22-7 | 23 |
| 4 | ZENIT | 11 | 5 | 5 | 1 | 21-10 | 20 |
| 5 | BALTIKA | 11 | 5 | 5 | 1 | 15-6 | 20 |
| 6 | SPARTAK | 11 | 5 | 3 | 3 | 19-17 | 18 |
| 7 | RUBIN | 11 | 5 | 3 | 3 | 15-15 | 18 |
| 8 | DINAMO | 11 | 4 | 3 | 4 | 18-17 | 15 |
| 9 | AHMAT | 11 | 4 | 3 | 4 | 14-13 | 15 |
| 10 | ROSTOW | 11 | 3 | 4 | 4 | 9-12 | 13 |
| 11 | K. SOWETOW | 11 | 3 | 3 | 5 | 16-21 | 12 |
| 12 | D. MAHAÇKALA | 11 | 2 | 4 | 5 | 5-13 | 10 |
| 13 | AKRON | 11 | 1 | 5 | 5 | 13-18 | 8 |
| 14 | ORENBURG | 11 | 1 | 4 | 6 | 13-22 | 7 |
| 15 | PARI NN | 11 | 2 | 0 | 9 | 9-22 | 6 |
| 16 | SOÇI | 11 | 1 | 2 | 8 | 7-25 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Alekseý BATRAKOW (Lokomotiw) | 9 |
| 2 | Mirlind DAKU (Rubin) | 8 |
| 3 | Braýan HIL (Baltika) | 6 |
| 4 | Dmitriý WOROBÝEW (Lokomotiw) | 6 |
| 5 | Maksim GLUŞENKOW (Zenit) | 6 |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# IKI KLUBUŇ BIR STADIONY

**«San Siro» ýa-da «Juseppe Meazza»**

● Futbolyň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri bolan Italiýanyň Milan şäherindäki «San Siro» ýa-da «Juseppe Meazza» stadiony tutuş dünýäde uly meşhurlyga eýedir. Ýurduň iň meşhur 2 klubunyň, ýagny «Milan» bilen «Interiň» ýerli duşuşyklaryny geçirýän bu stadionyň gurluşygy binagärler Kugini we Stakkininiň ýolbaşçylygynda 1925-nji ýylyň dekabrynda başlap, 1926-njy ýylyň sentýabrynda tamamlanýar. Açylyş duşuşygynda «Inter» topary «Milany» 6–3 hasabynda ýeňýär. Ilki-ilkiler stadionyň eýeçiligi diňe «Milan» klubuna degişli bolýar. 1935-nji ýylda bolsa stadionyň doly eýeçiligi şäheriň häkimiýetine geçýär. 1947-nji ýyldan başlap, «Inter» topary-da ýerli duşuşyklaryny bu stadionda geçirip ugraýar. Stadionda 1935-nji, 1955-nji, 1987–90-njy hem-de 2015–16-njy ýyllarda abatlaýyş işleri geçirilýär. Häzirki wagtda stadionyň tomaşaçy möçberi 75 müň 817 orunlyk bolup, ol 80 müň 18 tomaşaça çenli hem çykarylýar.

«Derby della Madonnina» derbisiniň («Milan» bilen «Interiň» arasyndaky derbi duşuşygy) geçirilýän bu stadionda «Milan» ýer eýesi bolanda olaryň, «Inter» ýer eýesi bolanda-da, gök-gara reňkdäki toparyň janköýerleriniň sany köpelýär. Ýagny beýleki stadionlarda bolşy ýaly, myhmançylykdaky toparyň janköýerlerine niýetlenen az mukdarda tomaşaçy kabul edilýär.


San Siro

1980-nji ýylda stadiona «Milanda» hem-de «Interde» oýnan meşhur futbolçy («Interde» 14 ýyl oýnaýar, 3 ýyl tälimçi bolýar) Juseppe Meazzanyň ady dakylýar. UEFA-nyň 4-nji derejeli, ýagny iň ýokary kategoriýadaky stadionlarynyň biri bolan bu desga resmi däl ýagdaýda «interliler» üçin «Juseppe Meazza», «milanlylar» üçin bolsa «San Siro» diýlip atlandyrylýar.

Meýdançasynyň ölçegi 108x68 metre deň bolan stadionyň ýaşyl örtügi azda-kände emeli fiber ot bilen garyşdyrylan hakyky otdur.

«San Siro»-da FIFA Dünýä Kubogynyň 1934-nji ýylda 3, 1990-njy ýylda-da 6 duşuşygy, şol sanda 1980-nji ýylda-da Ýewropa çempionatynyň 3 duşuşygy geçirilýär. UEFA Çempionlar Ligasynyň 1965-nji, 1970-nji, 2001-nji hem-de 2016-njy ýyllardaky final duşuşyklary-da «San Siro»-nyň ýaşyl meýdançasynda oýnalýar. Italiýanyň milli ýygyndysy 2021-nji ýyla çenli bu stadionda oýnan ýeke duşuşygynda hem ýeňilmeýär. Şonda UEFA-nyň Milletler Ligasynyň ýarym finalynda Ispaniýadan utulan Italiýanyň milli topary 2024-nji we 2025-nji ýyllarda-da, ýene-de şol ýaryşyň çäginde, degişlilikde Fransiýadyr Germaniýadan hem asgyn gelýär.

«San Siro»-da 1960-njy ýylda boks, şol sanda 1988-nji we 2009-njy ýyllarda regbi duşuşyklary hem geçirilýär. Stadionda Bob Dilan, Maýkl Jekson, U2, The Rolling Stones, Madonna, Muse, Bon Jovi, One Direction, Beýonse, Coldplay, Ed Şiran, Elton Jon, Teýlor Swift ýaly aýdym-saz äleminiň ägirt aýdymçydyr toparlary dürli ýyllarda konsertler bilen çykyş edýär.

Stadionda geljek ýylyň başynda guraljak gyşky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasy geçiriler. Ýöne öňümizdäki 5–6 ýyllykda enčeme ýatdan çykmajak futbol oýunlarynyň janly şaýady bolan «San Siro» stadionyny ýykylar. Sebäbi klublaryň ikisi-de täze stadionyň gurulmagy üçin köp wagtdan bäri tagalla edýärler. Täze stadionyň EURO 2032-ä taýýar boljakdygy bellenilýär. Mälim bolşy ýaly, 2032-nji ýylda Ýewropa çempionaty Italiýa hem-de Türkiýede geçiriler.

Ýaňy ýakynda Milan şäheriniň häkimliginiň mejlisinde geçirilen ses berlişikde, stadionyň hem-de onuň daş-töweregindäki belli mukdardaky ýer böleginiň 2 kluba satyljakdygy barada karar kabul edildi. «La Gazzetta dello Sport»-yň habar bermegine görä, Italiýanyň salgyt edarasy stadionyň nyrhyny 197 million ýewro diýip kesgitledi we netijede 22 million ýewrolyk arzanladyşyň boljakdygyny mälim etdi. Garaşylmadyk ýagdaýlar ýüze çykmasa, satuwyň 40 günüň dowamynda amala aşyryljakdygyny gazet habar berýär. Klublaryň ikisi-de ýerli häkimiýetiň gelen netijesinden hoşal bolup, toparlaryň ýolbaşçylary bu wakanyň şäher üçinem, klublaryň ikisi üçinem taryhy ädimdigini beýan etdiler. Häzirki wagtda klublaryň ikisi-de «San Siro» stadionynyň ýerinde täze stadionyň gurluşygy üçin dürli işleri alyp barýarlar. Klublaryň bilelikdäki beýanatynda, döwrebap, halkara standartlara doly laýyk gelýän, ýaňadandan şäheriň nyşanyna öwrüljek hem-de dünýädäki futbol janköýerleriniň hyjuw bilen geljek mesgeni bolan stadionyň guruljakdygy bellenilýär.

**Paýtagtyň bezegi «Stadio Olimpico»**

● Italiýada «San Siro»-dan başga-da 2 klubuň paýlaşýan stadionlary bar. Şolaryň biri Rimdäki «Olimpico» stadionydyr. 70 müň 634 orunlyk stadionyň 2 ýer eýesi bolup, olar «Roma» hem-de «Lasio» klublarydyr. «San Siro»-dan soň ýurduň iň uly 2-nji stadiony bolan «Stadio Olimpico»-nyň gurluşygyna 1928-nji ýylda badalga berilýär. Stadionyň gurluşygy 1953-nji ýylda tamamlanýar. Şol aralykda stadion Ikinji jahan urşy ýyllarynda dürli maksatlar üçin hem ulanylýar. 1955-nji ýylda ady «Olimpico» diýlip goýlan stadionda 1960-njy ýylda tomusky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş we ýapylyş dabaralary, şol sanda Olimpiadanyň çägindäki ýeňil atletika, atçylyk ýaryşlary geçirilýär. Ozalky atlary «Stadio dei Cipressi» hem-de «Stadio dei Centomila» bolan stadion häzirki wagtda «Sport e Salute» atly sport ýaryşlaryny guraýan döwlete degişli kompaniýanyň eýeçiligindedir. «Roma» bilen «Lasionyň» ýa-da «Lasio» bilen «Romanyň» arasyndaky futbol duşuşyklary hemişe diýen ýaly alawly ýagdaýda dartgynly geçýär.

Paýtagtyň bu ajaýyp desgasynda diňe futbol duşuşyklary geçirilmän, eýsem, regbi boýunça ýaryşlar guralýar. Olimpiýa stadiony bolany üçin wagtal-wagtal ýeňil atletika ýaryşlary-da geçirilýär. Şol sanda stadion meşhur aýdymçylaryň konsertlerini hem kabul edýär.

Stadionda 1987–90-njy ýyllarda Dünýä Kubogy üçin ýörite bolmak bilen bir hatarda, umumylykda 2 gezek abatlaýyş işleri geçirilýär. Şol ýyllarda tribunalaryň üsti üçek bilen ýapylýar we häzirki durkuny alýar. Gapdalynda, esasan hem, ýeňil atletika ýaryşlarynyň türgenleşikleri üçin kiçeňräk stadion ýerleşip, «Olimpico»-nyň 105x68 metr ölçegdäki ýaşyl meýdançasy hakyky ot bilen örtülendir.

Stadionda EURO 1968-iň finaly oýnalyp, Italiýanyň ýygyndysy şol wagtky Ýugoslawiýanyň ýygyndysyny ýeňýär we yklymyň çempionlygyny gazanýar. 1980-nji ýylda Ýewropa çempionatynyň, 1990-njy ýylda Dünýä Kubogynyň finaly bu stadionda oýnalýar we ikisinde-de Günbatar Germaniýanyň ýygyndysy kubogy asmana göterýär. Umumylykda Dünýä Kubogy 1990-nyň 6, şeýle-de Ýewropa çempionatlarynyň çäginde 11 duşuşyk (EURO 1968–1980–2020) oýnalýar. UEFA Çempionlar Ligasynyň 4 final duşuşygy geçirilip (1977, 1984, 1996, 2009), şolaryň 2-sinde «Liwerpul» çempionlyk gazanýar. 1984-nji ýylda «Liwerpul» bu stadionda ýer eýesi «Romadan» üstün çykýar.


Stadio Olimpico

Häzirki wagtda «Roma» bilen «Lasio» toparlary-da täze stadion gurmagy meýilleşdirýärler. Ýöne bu gezek olaryň hersi aýratyn stadiony göz öňünde tutup, «Roma» täze 55 müň orunlyk stadionynyň gurluşygyna şu ýylyň ahyrynda ýa-da geljek ýylyň başlarynda badalga bermekçi bolýar. 2028-nji ýylda gurluşygy tamamlamagy maksat edinýän klubuň ýolbaşçylary bu desga üçin 1 milliard ýewrolyk maliýe serişdesini goýbererler.

**Italiýadaky beýleki şärik stadionlar**

● «San Siro» hem-de «Stadio Olimpico» stadionlaryndan başga-da Genue şäherindäki «Stadio Luigu Ferraris», Rejjo-nel-Emiliýa şäherindäki «Mapei Stadium – Citta del Tricolore» stadionlarynyň 2 kluby bar. 33 müň 205 orunlyk «Stadio Luigi Ferraris» stadionynda «Jenoa» hem-de häzirki wagtda «Serie B»-de bolan «Sampdoriýa» klublary öz ýerli duşuşyklaryny geçirýär. 23 müň 717 tomaşaçy sygýan «Mapei Stadium – Citta del Tricolore» stadiony bolsa «Sassuolo» bilen «Serie B»-niň başga bir kluby «Rejjana» toparlarynyň öýi hasaplanýar.

1990–2006-njy ýyllar aralygynda Turin şäheriniň «Ýuwentus» bilen «Torino» klublary-da meşhur «Delli Alpi» stadionyny paýlaşypdylar. Werona şäherindäki «Stadio Marcantonio Bentegodi» stadiony 1963-nji ýyldan 2021-nji ýyla çenli «Werona» bilen «Kiewo» klublaryna degişlidi. Ýöne mundan 4 ýyl ozal «Kiewo» toparynyň ýapylmagyndan soň stadionda häzirki wagtda diňe «Werona» öz duşuşyklaryny geçirýär. Ýeri gelende, «Kiewo» topary geçen ýylyň maý aýynda täzeden esaslandyrylsa-da, «Serie D»-de çykyş edýän topar şäherdäki başga bir stadionda öz duşuşyklaryny oýnaýar.

**Dünýäniň beýleki ýurtlarynda**

● Dünýäniň beýleki ýurtlarynda-da 2, hatda 3 klubuň 1 stadiony paýlaşýan ýerleri hem bar. Ýewropanyň öňdebaryjy futbol ýurtlaryndan Italiýadan galan ýerde stadiony paýlaşýan uly klublar ýok. Angliýada, Germaniýada, Fransiýada, Ispaniýada her klubuň özüne mahsus stadiony bar. Germaniýada Münhen şäheriniň 2 wekili — «Bawariýa» bilen şu wagtlar 3-nji liga wekilçilik edýän «1860 Münih» toparlary irki döwürlerde şäherdäki meşhur «Olympiastadion»-y paýlaşýardy. Hatda «Bawariýanyň» häzirki stadiony «Allianz Arena»-da hem «1860 Münih» topary 2005–2017-nji ýyllar aralygynda ýerli duşuşyklaryny oýnapdy.


Olympiastadion

Awstriýanyň Gras şäherindäki «Liebenauer» stadionynyň hem 2 eýesi bar. «Merkur-Arena» diýilýän 16 müň 364 orunlyk bu kiçi desgany ýurduň belli klublaryndan «Şturm Gras» bilen o diýen şöhratly bolmadyk «Graser AK» (gysgaça GAK diýilýär) toparlary paýlaşýar. 1995–97-nji ýyllar aralygynda gurluşygy tamamlanan stadion 2005-nji ýyla çenli şu şäheriň golaýynda dünýä inen Arnold Şwarsaneggeriň adyny göteripdi.


Merkur-Arena

Braziliýada dünýä belli «Maracana» (Rio-de-Žaneýro) stadionynda «Flamengo» bilen «Fluminense» klublary öz duşuşyklaryny geçirýär. Wagtal-wagtal bu klublara «Botafoga» bilen «Wasko da Gama» klublary hem goşulýar.

Meksikadaky meşhur «Estadio Azteca»-da «Klub Amerika» bilen «Kruz Azul» duşuşyklaryny geçirýär. Müsüriň paýtagty Kairdäki Halkara stadion, esasan, «Al Ahli» toparyna degişli bolsa-da, olaryň gadymy bäsdeşi «Zamalek» kämahal esasy oýunlary üçin 74 müň orunlyk bu desgany saýlaýar. Saud Arabystanynda-da şärik stadionlardan Jiddadaky «King Abdullah Sports City» desgasynda «Al-Ahli», «Al-Ittihad», Er-Riýaddaky «King Fahd Sports City» stadiony «Al Hilal», «Al-Şabab», «Al-Nassr» klublary belli bir döwürde paýlaşyp ulandylar.

Şeýle-de, ABŞ-daky stadionlaryň köpüsini şol şäheriň futbol, amerikan futboly klublary paýlaşýarlar. Şol sebäpli ABŞ-nyň stadionlarynyň köpüsinde ýaşyl meýdançalarda iki oýnuň düzgünlerine degişli ak çyzyklar bolup, geçen tomusda geçirilen Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda ýewropaly futbolçylar wagtal-wagtal oňaýsyz pursatlary başdan geçiripdiler.


Derby della Madonnina derbisi (San Siro)


San Siro


Stadio Olimpico


Delli Alpi


Maracana

## Özbegistanyň milli ýygyndysyna ozalky meşhur futbolçy tälim berer

Taryhynda ilkinji Dünýä Kubogyna gatnaşjak Özbegistanyň futbol boýunça milli ýygyndysynyň täze tälimçisi belli boldy. Aziýa 3-nji saýlama tapgyrynda «A» toparçada Eýranyň ýygyndysyndan soň 2-nji ýeri eýelän Özbegistanyň milli toparyna Timur Kapadze tälimçilik edýärdi.



Italiýaly ozalky meşhur futbolçy, Dünýä Kubogynyň ýeňijisi, «Altyn top» baýragynyň eýesi Fabio Kannawaro Özbegistanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi wezipesine bellendi. Şertnamanyň möhleti häzirlikçe Dünýä Kubogy tamamlanýança bolup, onuň möhleti uzaldylyp bilner. Metbugatda çykan habarlara görä, 52 ýaşyndaky Kannawaro 1 ýyllyk 4 million ýewro golaý hak alar.

Kannawaro tälimçilik karýerasyna 2014-nji ýylda Hytaýyň «Guançžou Ewergrand» toparynda başlap, ol soňlugy bilen, «Al-Nassr» (Saud Arabystany), «Tianszin Tianhaý», soňra ýene-de 4 ýyllap «Guançžou Ewergrand», gysga wagtlyk Hytaýyň milli ýygyndysyna, Italiýada «Benewento», «Udineze» klublaryna tälim berdi. Geçen möwsüm Horwatiýanyň «Dinamo Zagreb» toparynda işlän Kannawaro futbolçylyk ýyllarynda «Napoli», «Parma», «Inter», «Ýuwentus», «Real Madrid», «Al-Ahli» (Dubaý) klublarynda oýnady.

## Ýewropanyň taryhynda ilkinji gezek

Ýewropanyň futbol taryhynda ilkinji gezek milli çempionatyň duşuşyklary yklymyň çäginden daşarda, başga bir yklymda geçiriler. «La Liganyň» 17-nji tapgyrynda oýnaljak «Wilýarreal» bilen «Barselonanyň» hem-de «Serie A»-nyň 24-nji tapgyrynda oýnaljak «Milan» bilen «Komonyň» arasyndaky duşuşyklar Ýewropada geçirilmez. UEFA taraplaryň ylalaşygyny tassyklap, duşuşyklaryň başga yklymlarda oýnalmagyna ygtyýar berdi. Bu barada UEFA-nyň prezidenti Aleksander Çeferin: — Aslynda, milli çempionatlar öz degişli ýerlerinde oýnalmaly. Ýogsam, wepadar janköýerlere duşuşyklara gatnaşmakda bökdençlikler döredip biler. Bu jogapkärli meselä gatnaşan 55 milli assosiasiýanyň degişli wekillerine sagbolsun aýdýaryn. Gynansagam, milli ligalaryň 2 duşuşygy yklymyň daşynda geçiriler. Bu adatdan daşary ýagdaý bolup, mundan soň nusga alarlyk ýagdaý däldir. Biziň maksadymyz belli, milli ligalaryň bitewligini goramak we futbolyň öz öýüniň gurşawynda galmagyny üpjün etmekdir — diýip, beýanat berdi. Şunlukda, «Wilýarreal» – «Barselona» duşuşygy ABŞ-nyň Maýami şäherinde, «Milan» – «Komo» duşuşygy Awstraliýanyň Pert şäherinde geçiriler. «Wilýarreal» – «Barselona» duşuşygy 21-nji dekabrda geçirilse, «Milan» – «Komo» duşuşygy geljek ýylyň 6-njy fewralynda Pert şäherindäki «Optus» stadionynda oýnalar. Ýeri gelende bellesek, geljek ýylyň 6-njy fewralynda «San Siro» stadionynda gyşky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasy geçiriler.




## «Roma», «Feýenoord» ýeňildi, «Fenerbahçe», «Porto» ýeňiş gazandy

UEFA Ýewropa Ligasynda 2-nji duşuşyklar geçirilip, 6 topar 2-nji ýeňşini gazandy. Şonça klub hem bu tapgyrda-da ýeňlişe sezewar boldy. Bu tapgyr myhmanlaryň ýeňşi bilen ýatda galar. 9 duşuşykda, ýagny oýunlaryň deň ýarysynda myhmançylykdaky toparlar ýeňşini baýram etdi. Diňe 1 oýun deňlikde tamamlandy.



**Üçüsini hem saklamagy başardy**

● Ýaryşyň faworitlerinden «Roma» öz meýdançasynda «Lillden» 1–0 hasabynda utuldy. Haraldssonyň 6-njy minutdaky goluna rimliler 85-nji minutda jogap bermäge golaý geldiler. Eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusynda düzgüni ilki «romaly» futbolçylar, soňra «Lilliň» derwezeçisi bozandygy üçin 3 gezek gaýtalandy. Şol 11 metrlik jerime urgularynyň ilkinji 2-sini Artem Dowbyk, soňkusyny-da Sule dürs urup bilmedi. 3 urguda hem «Lilliň» derwezeçisi Berke Özer topy saklamagy başardy.



Rotterdamda «Feýenoord» topary «Aston Willa» bilen duşuşyp, 2–0 hasabynda ýeňildi. Iňlis klubunyň gollaryny Buendia (61) bilen MakGinn (79) derweзä girizdi. «Fenerbahçe» topary Kerem Aktürkoglunyň 3-nji we 25-nji minutlarda geçiren gollary esasynda «Nissa» toparyny 2-1 hasabynda utdy.

«Porto» öz meýdançasynda «Srwena Zwezda» toparyny oýnuň ahyrlarynda geçiren goly esasynda 2-1 ýeňmegi başardy (Gomes 8 p, Mora 89 – Kostow 33).

Şotland toparlarynyň şowsuzlygy dowam edip, Glazgo şäheriniň iki köne bäsdeş topary bu tapgyrda ýeňiş gazanyp bilmedi. «Seltik» öz meýdançasynda «Bragadan» 2-0, «Reýnjers» myhmançylykda «Şturm Grasdan» 2-1 hasabynda ýeňildi.

«Nottingam Forest» toparynyň täzelikde bellenen tälimçisi Anj Postekoglu entek ýeňiş gazanyp görmedi. Öz meýdançasynda «Midtýullandan» 3-2 hasabynda asgyn gelen «Nottingam Forest» awstraliýaly hünärmeniň tälimçiligindäki 6 oýunda 4-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

**2-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

Roma – Lill: 0-1, Bolonýa – Fraýburg: 1-1, Seltik – Braga: 0-2, Wiktoriýa Plzen – Malmö: 3-0, Fenerbahçe – Nissa: 2-1, FKSB – Ýang Boýz: 0-2, Panatinaikos – Gou Ehed Iglz: 1-2, Ludogores Razgrad – Betis: 0-2, Brann – Utreht: 1-0, Bazel – Ştutgart: 2-0, Porto – Srwena Zwezda: 2-1, Feýenoord – Aston Willa: 0-2, Genk – Ferenswaroş: 0-1, Makkabi T – Dinamo Zagreb: 1-3, Nottingam Forest – Midtýullan: 2-3, Lion – RB Salsburg: 2-0, Selta – PAOK: 3-1, Şturm Gras – Reýnjers: 2-1

**Konferensiýa Ligasynda 1-nji duşuşyklar geçirildi**

● UEFA-nyň täze ýaryşy, ýagny 3-nji derejeli klub bäsleşigi Konferensiýa Ligasynda täze möwsümiň ilkinji duşuşyklary geçirildi. Ýaryşyň faworitlerinden «Kristal Palas» myhmançylykda, has takygy, Polşada Kiýewiň «Dinamosyny» Munýos (31) hem-de Nketianyň (58) gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňip, 3 utuk bilen başlady. Bu ýaryşda 2 gezek finalda utulan «Fiorentina» topary öz meýdançasynda çehleriň «Sigma Olomous» toparyndan 2-0 hasabynda üstün çykdy. Italýan toparynyň gollaryny Pikkoli (27) bilen Ndur (90+5) öz atlaryna ýazdyrdylar.



Ukrainanyň beýleki topary Doneskiň «Şahtýory» myhmançylykda «Aberdin» toparyny 3-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Sloweniýanyň «Selýe» topary öz meýdançasynda Afinynyň AEK toparyny Kowaçewiçiň het-trigi bilen 3–1 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň iň uly hasaply ýeňşini gazanan Bosniýa we Gersegowinanyň «Zrýinski Mostar» topary öz meýdançasynda Gibraltaryň «Linkoln Red Imps» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi.

**1-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

● Dinamo Kiýew – Kristal Palas: 0-2, Lozanna-Sport – Breidablik: 3-0, Noa – Riýeka: 1-0, Zrýinski Mostar – Linkoln Red Imps: 5-0, Ýagelloniýa Belastok – Hamrun Spartans: 1-0, Leh Poznan – Rapid Wien: 4-1, KuPS – Drita: 1-1, Omoniýa – Maýns: 0-1, Raýo Wallekano – Şkendiýa: 2-0, Aberdin – Şahtýor Donesk: 2-3, Sparta Praga – Şamrok Rowers: 4-1, Fiorentina – Sigma Olomous: 2-0, AEK Larnaka – AZ Alkmaar: 4-0, Legiýa – Samsunspor: 0-1, Selýe – AEK Afiny: 3-1, Rakuw Çenstohowa – Uniwersitatea Kraiowa: 2-0, Şelburn – BK Haken: 0-0, Slowan Bratislawa – Strasbur: 1-2